TÜRKMENİSTANYŇ DÖWLET DAŞARY YKDYSADY IŞ BANKY

THE STATE BANK FOR FOREİGN ECONOMİC AFFAİRS OF TURKMENİSTAN

ГОСУДАРСТВЕННЫЙ БАНК ВНЕШНЕЭКОНОМИЧЕСКОЙ ДЕЯТЕЛЬНОСТИ ТУРКМЕНИСТАНА



*Ösüş ugrunda hyzmatdaşlyk*

*Partnership for development*

*Партнерство во имя развития*

# 2011

ÝYLLYK HASABAT • ANNUAL REPORT • ГОДОВОЙ ОТЧЕТ

TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY YKDYSADY DÖWLET BANKY

ÝYLLYK HASABATY 2011

# MAZMUNY


| | |
|---|---|
| 1. Bank hakynda gysgaça maglumatlar. | 5 |
| 2. Bankyň 2011-nji ýyldaky işiniň esasy netijeleri. | 5 |
| 3. Bankyň müdirýetiniň başlygynyň ýüzlenmesi. | 6 |
| 4. Türkmenistanyň ykdysadyýetine gysgaça syn. | 8 |
| 5. Döwlet maýa goýum maksatnamalary boýunça işi. | 9 |
| 6. Bankyň karz işi. | 11 |
| 7. Korporatiw biznesi. | 12 |
| 8. Şahsy taraplara hyzmatlar. | 13 |
| 9. Resminamalaýyn amallar we halkara hasaplaşyklary. | 14 |
| 10. Maliýe bazarlaryndaky amallar. | 15 |
| 11. Maliýe institutlary bilen hyzmatdaşlyk. | 16 |
| 12. Maglumatlar tilsimatlary. | 17 |
| 13. Töwekgelçilikleri dolandyrmak we içerki gözegçilik. | 17 |
| 14. Işgärler syýasaty. | 18 |
| 15. Bank bilen jemgyýet. | 19 |
| 16. Bankyň ösüşiniň geljegi. | 20 |
| 17.Garaşsyz auditorlaryň hasabaty. | 22 |
| 18. Maliýe hasabatlygyna bellikler. | 28-56 |

## BANK HAKYNDA GYSGAÇA MAGLUMATLAR

- Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky 1992-nji ýylda Türkmenistanyň Prezidentiniň 1992-nji ýylyň 27-nji ýanwaryndaky UP – 278-nji belgili Permany bilen döredildi.
- Eksport – import amallary boýunça hasaplaşyklary amala aşyrmak, daşary ýurt karzlaryny çekmek we Türkmenistanyň ykdysadyýetini karz goýumlaryny amala aşyrmak Bankyň işiniň esasy ugurlary bolup durýar.
- Türkmenistanyň töleg serişdelerinde karz – hasaplaşyklaryny we beýleki amallary amala aşyrmaga Türkmenistanyň Merkezi Bankynyň 2003-nji ýylyň 20-nji fewralyndaky 97-nji belgili ygtyýarnamasyna eýedir.
- Daşary ýurt walýutasy bilen amallary geçirmäge Türkmenistanyň Merkezi Bankynyň 2003-nji ýylyň 20-nji martyndaky 32-nji belgili Baş ygtyýarnamasyna eýedir.
- 1993-nji ýyldan bäri REUTERS DEALING maglumat – söwda ulgamyny peýdalanyjy.
- 1994-nji ýyldan bäri VISA International halkara ulgamynyň doly hukukly hakyky agzasy.
- 1996-nji ýyldan bäri MILLIKART milli plastik kartyň emitenti.
- 1997-nji ýyldan bäri SWIFT halkara ulgamynyň doly hukukly hakyky agzasy.
- 1997-nji ýyldan bäri Türkmenistanyň Söwda – senagat edarasynyň agzasy.
- DELOITE – garaşsyz auditor.
- Türkmenistanyň Bankara walýuta biržasynyň agzasy.
- 1994-nji ýyldan bäri Türkmenistandan Yslam ösüş bankynyň dolandyryjysynyň edarasy.

## BANKYŇ 2011-NJİ ÝYLDAKY IŞINIŇ ESASY NETIJELERI

Türkmenistanyň döwlet daşary ykdysady iş bankynyň 2011-nji ýyldaky işi Türkmenistandaky amatly ykdysady ýagdaýyň jähtinde ösdürdi. Netijeler Bankyň üstünlikli işi barada şaýatlyk edýärler.

- Ýylyň netijesi boýunça milli ölçegler boýunça Bankyň girdeýjisi 50.2 million manada barabar boldy, 2010-njy ýylyň derejesinden 60.6% artdy.
- Ätiýaçlyk gaznany goşmak bilen esasy maýasy 13.2% ösdi we 252,69 million manatdan geçdi.
- Bankyň hususy maýasynyň umumy jemi 9.9% ösdi we 339,9 million manada barabar boldy.
- 2011-nji ýylyň ahyryna Bankyň balansynyň aktiwi 7 milliard manada golaý boldy, şunda balansyň aktiwleriniň umumy möçberine öndüriji aktiwleriň agramy 84.5% barabar boldy.
- Hyzmat edilen müşderileriň sany 14% artdy.

Bank 2011-nji ýylyň jemleri boýunça Türkmenistanyň bank ulgamynda şu aşakdaky ugurlar boýunça öňdebaryjy orunlary eýeledi:

- Hususy maýasynyň möçberi boýunça.
- Aktiwleriň möçberi boýunça.
- Türkmenistanyň ykdysadyýetine maýa goýumlaryň möçberleri boýunça.
- Geçirilen daşary söwda amallarynyň möçberleri boýunça.
- Daşary ýurt walýutasyna pul geçirmeleriň möçberleri boýunça.
- Pul we walýuta bazarlaryndaky amallaryň möçberleri boýunça.
- Daşary ýurt hem milli walýutadaky plastik kartlary çykarmak we olara hyzmat etmek boýunça.
- Bank – korrespondentleriň ulgamy boýunça.
- Daşary ýurt banklaryndan alnan serişdeler boýunça.

**AKTIWLERIŇ DEPGINI** (*Mln.manat*)



## BANKYŇ MÜDIRÝETINIŇ BAŞLYGYNYŇ ÝÜZLENMESI

### BANKYŇ HORMATLY MÜŞDERILERI WE HYZMATDAŞLARY!

Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň 2011-nji maliýe ýylynyň esasy ykdysady netileri baradaky hasabaty Siziň dykgatyňyza ýetirmäge rugsat ediň.

2011-nji hasabat ýyly bank üçin durnukly, depginli ösüşiň nobatdaky tapgyry boldy. Esasy maliýe ykdysady görkezijiler boýunça durnukly ösüşler gazanyldy. Bank tarapyndan edilýän hyzmatlaryň göwrümi giňeldi. Hasabat ýyly boýunça bankyň aktiwleri 73 göterim artdy we olaryň möçberi 6,9 milliard manatdan geçdi, arassa girdejiniň möçberi milli ölçegler boýunça 50,2 million manada barabar boldy, bankyň esaslyk maýasy ABŞ-nyň 50 million dollary möçberine ýetirildi we esaslyk maýanyň möçberi ABŞ-nyň 100 million dollaryna deň bolan täze möçberi yglan edildi.

Bankyň müşderileriniň sanynyň ýyl-ýyldan artýandygy bankyň ösüşiniň kepili bolup durýar. Bankyň hyzmat edýän müşderileriniň sany 2011-nji ýylda, 2010-njy ýyl bilen deňeşdireniňde 14%-den gowrak artdy. Bankyň müşderileriniň möçberiniň esasy özenini Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň esasy pudaklarynyň öňde baryjy döwlet we hususy kärhanalary düzýär.

2011-nji ýylda bank özüniň 2030-njy ýyla çenli Öşüş maksatnamasyny kabul etdi. Bankyň Maksatnamasy Türkmenistanyň Prezidentiniň döwlet maksatnamalaryny durmuşa geçirmäge gönükdirilendir we bu Maksatnamada bank amallarynyň täze görnüşlerini bankyň işjeňligine ornaşdyrmaklyk we ösdürmeklik, bankyň dolandyryş gurluşyny kämilleşdirmeklik, iri maliýe institutlary bilen hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de giňeltmeklik boýunça anyk ädimler göz öňünde tutulýandyr.

Bank 2011-nji ýylyň dowamynda karz ylalaşyklary esasynda daşary ýurt karzlaryna öz wagtynda hyzmat etmek boýunça Türkmenistanyň Hökümetiniň wekiliniň wezipelerini işjeň ýerine ýetirdi. Şeýle hem bu ugurda iri daşary ýurt banklary we maliýe guramalary bilen möhüm hyzmatdaşlyga daýanylyp, Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2030-njy ýyla çenli döwlet maksatnamasyny durmuşa geçirmek üçin bank tarapyndan hasabat döwürde Türkmenistanyň ykdysadyýetine daşary ýurt karzlaryny we maýa goýumlaryny çekmekligi dowam edildi.

Bank öz müşderileriň işjeň hyzmatdaşy bolup çemeleşmek bilen bank hem müşderileriň meýilleşdirilýän eksport–import amallary boýunça hasaplaşyk amallaryny amatlaşdyrmak, olary mümkin bolan töwekgelçiliklerden goramak, olary maliýeleşdirmek, erkin pul serişdelerini amatly ýerleşdirmek, hasaplaşyklary geçirmek boýunça maslahat bermek hyzmatlaryň giň toplumyny amala aşyrdy.

2011-nji ýylda esasy ünsi müşderilere edilýän hyzmatlaryň hilini ýokarlandyrmaga, banka işgärleri seçip almaklyga we olaryň hünär derejesiniň ýokarlandyrylmagyna, şeýle hem bank gözegçiliginiň işini kämilleşdirmeklige berildi. Bank öz käbir düzüm birlikleriniň gurluşyny üýtgedip töwekgelçiligi bahalandyrmaga we meýilleşdirilişe jogap berýän aýratyn bölümleri döretdi, bu bolsa bankyň işiniň düýpli seljerilmegini we meýilleşdirlmegini üpjün etdi.

Bankyň ösmegi ilki bilen Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň ösmegine bagly bolup durýar. Türkmenistanyň Hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda ýurdymyzyň durmuş-ykdysady we syýasy ulgamlarynda alyp barýan netijeli we okgunly özgertmeleri ykdysadyýetimizde hem üstünlikli ösüşleriň yzygiderligini we durnuklygyny üpjün etdi, jemgyýetde abadançylygyň we asudalygyň düýbini tutdy, Türkmenistanyň dünýä ykdysady ulgamyna has-da çuňňur goşulyşmagyna ýardam etdi. Geçirilýän özgertmeleriň arasynda hem 2011-nji ýylda bank ulgamynyň işini kämilleşdirmek ugrunda Türkmenistanyň täze mazmundaky Kanunlary kabul edildi, olaryň içinde: “Karz guramalary we bank işi hakynda” “Walýuta kadalaşdyrmak we walýuta gözegçiligi hakynda”, “Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda” we täze “Jenaýatçylykly ýol bilen alynan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygy maliýeleşdirmegine garşy göreşmek hakynda” Kanuny.

Bank jemgyýetyň ösmegine gatnaşmak bilen medeniýeti we sporty goldamakda işleri alyp barýar.

Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky gelejekde-de aktiwleriň derejesini we hilini ýokarlanmakda, bankyň işjeňligini kesgitleýän kadalaşdyryjylarynyň ählisini doly ýerine ýetirmekde hem-de bankyň netijeliligini kesgitleýän balans peýdany ösdürmekde netijeli iş çärelerini geçirer. Bankyň işiniň esasy ugry müşderileriň, hyzmatdaşlaryň ýokary hilli bank hyzmatlaryny hödürlemek, olaryň isleglerini kanagatlandyrmak we ösmegine ýardam bermek bilen bagly bolar.

Sözümiň ahyrynda men öz müşderilerimize we hyzmatdaşlarymyza bize bolan ynamlary hem-de özara düşünişmeleri üçin çuňňur minnetdarlygymy bildirmek bilen bilelikde Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň ähli işgärlerine ýokary ussatlyklary we päk ýürekli işleri üçin tüýs ýürekden sag bolsun aýdýaryn.

**Hormatlamak bilen,**

**Müdiýetiň Başlygy** **R. Jepbarow.**

## TÜRKMENISTANYŇ YKDYSADYÝETINE GYSGAÇA SYN

Türkmenistanyň ykdysadyýeti 2011-nji ýylyň jemi boýunça ösüşiň ýokary depginleri bilen häsiýetlendirilýär.

Türkmenistanyň statistika baradaky döwlet komitetiniň maglumatlary boýunça* 2011-nji ýylda jemi içeri önümiň (JIÖ) ösüş depgini deňeşdirilýän bahalarda 2010-njy ýyla gatnaşyk boýunça 114.7% barabar boldy. Öndürilen JIÖ-niň nominal möçberi 79 976.1 million manada deň boldy.

2011-nji ýylda JIÖ-niň ösmegine esasy goşandy haryt öndüriji pudaklar tarapyndan edildi we olaryň jemi goşulan bahanyň möçberi JIÖ-niň 72.9% düzdi we deňeşdirme bahada geçen ýyl bilen deňeşdirilende 17.3% artdy.

Jemi goşulan bahanyň oňaýly ösüşi hyzmat edýän pudaklarda bellenilen.

2011-nji ýyl üçin daşary söwda dolanyşygynyň möçberi ABŞ-nyň 28 111.8 million dollaryna barabar boldy. Şunda daşary söwdanyň girdeji bilen çykdajynyň arasyndaky tapawut ABŞ-nyň 5 390.2 million dollaryna barabar boldy, bu 2010-njy ýyldaka garanyňda 57.2% köpdür. Hasabat ýylynda importyň eksport bilen ýapylyşynyň koeffisiýenti 1.47 barabar boldy.

2011-nji ýylyň jemleri boýunça maliýeleşdirmegiň ähli çeşmeleriniň hasabyna ýurduň ykdysadyýetini ösdürmäge gönükdirilen esaslyk maýada maýa goýumlarynyň möçberi 35 080.7 million manada barabar boldy, 2010-njy ýyl bilen deňeşdireniňde 23.2% artdy. Şunuň bilen birlikde çekilen serişdeleriň hasabyna maýa goýumlaryň möçberi 2.7 esse ösdi.

Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň girdejileri 2011-nji ýylda 15078.8 million manada barabar ýa-da bellenilen tabşyrygyň 137.2% deň boldy. Hasabat ýylda 2010-njy ýyl bilen deňeşdireniňde Döwlet býujetiniň girdejisi 48.3% artdy.

Hasabat ýyly üçin Döwlet býujetiniň çykdajylary 12 179.9 million manada barabar boldy we 2010-njy ýyl bilen deňeşdirilende 37.2% artdy.

Döwlet býujetiniň esasy bölegi ýurtda durmuş ugurly maksatnamalarynyň ýerine ýetirilmegine gönükdirilendir. Çykdaýjylaryň esasy bölegi (67.1%) durmuş pudaklaryny maliýeleşdirmekden ybaratdyr.

Täze Galkynyş we beýik özgertmeler eýýamynda Türkmenistanda durmuş-ykdysady ösüş babatynda uly üstünlikler gazanyldy.

Türkmenistanyň durmuş ösüşiniň häzirki zaman tapgyrynda durmuş töwekgelçiliginden ilaty goramagyň köp ugurly ulgamyny döretmek, durmuş goraglylygynyň, durmuş üpjünçiliginiň formalaryny we görnüşlerini kesgitlemek ilatyň durmuş goraglylygy ulgamynda ileri tutulýan ugurlaryň biri bolup durýar.

Durmuş kömegini mundan beýläk-de gowulandyrmak maksady bilen pensiýalary we döwlet kömek pullaryny bellemegiň we gaýtadan hasaplamagyň tertibine dahylly kadalaşdyryjy namalara üýtgetmeler we goşmaçalar girizildi.

2011-nji ýylda sarp edijilik işjeňligiň artmagy dowam etdi, ol barada 2010-njy ýyl bilen deňeşdireniňde Türkmenistanda bölek satuw haryt dolanyşygynyň 15.3% barabar boldy. Ilatyň sarp edijilik işjeňliginiň ösmegi, gurluşy gowulandyrylan we ýokary amatlygy belent ýaşaýyş jaýlarynyň işjeň gurulmagy ipoteka karzlaryna hem sarp edijilik isleginiň ýokarlanmagyny höweslendirdi.

Amatly ykdysady ýagdaý tutuş 12 sany täjirçilik banklardan ybarat bolan türkmen bank ulgamynyň ýagdaýyny häsiýetlendirýän görkezijilerde oňyn beýanyny tapdy. Banklaryň şahamçalarynyň sany 133 birlige, daşary ýurt walýutasynyň nagt alyş-çalşygy boýunça 187 nokada barabardyr, şol nokatlaryň 10-si gije-gündiziň dowamynda işleýär.

2012-nji ýylyň 1-nji ýanwary ýagdaýyna banklaryň jemleşdirilen aktiwleriniň jemi 21721.5 million manada barabar boldy we geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdireniňde 36.2% artdy. TMB-nyň korespondent hasabynyň galyndysy 2109.9 million manada barabar boldy, geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdireniňde 74% artdy. 2012-nji ýylyň 1-nji ýanwar ýagdaýynda bank ulgamy tarapyndan kärhanalara, guramalara we ilata berilen karzlaryň möçberi 21141.2 million manada deň boldy we 2011-nji ýyl bilen deňeşdirilende 22.9% artdy.

2012-nji ýylyň 1-nji ýanwaryna milli walýutada täjirçilik banklarynyň çeken serişdeleri 8729.5 million manada barabar boldy we geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdireniňde 85.3% artdy. Şunda ilatyň goýumlary ýokary depginlerde ösdi, geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdireninde 21.9% artdy.

Banklaň öz serişdeleri 781.2 million manada barabar boldy, geçen ýyl bilen deňeşdireniňde 18,4% artdy, şol sanda banklaryň düzgünnamalaýyn gaznasy 437.3 million manada ýa-da bankyň öz serişdelerinden 56% tutýar.

Bankyň öz serişdeleriniň, esasan hem esaslyk maýasynyň ep-esli artmagy Türkmenistanyň ähli bank ulgamynyň hereket etmeginiň durnuklylygyny ýokarlandyrmara, degişlilikde goýumçylaryň we karz berijileriň bähbitlerini goramaga ýardam berýär.

*Maglumat hasabat býuletenlerinden alyndy: 2011-nji ýylda Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ýagaýy we 2012-nji ýylyň 1-nji ýanwaryna Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ýagdaýy. 2012-nji ýilyň 1-nji ýanwarynaTürkmenistanyň Merkezi bankynyň Bank habarlary.

## DÖWLET MAÝA GOÝUM MAKSATNAMALARY BOÝUNÇA IŞI

Banky ösdürmegiň baş ugry, ilkinji nobatda, daşary ýurt maýasyny çekmek we Türkmenistanyň Prezidentiniň "Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2010–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasynda" öňde goýlan wezipeleri gazanmak üçin ykdysadyýetiň ileri tutulýan pudaklaryna olary ýerleşdirmek boýunça işjeň işi alyp barmaga gönündirilendir. Şu Maksatnamany Bank durmuşa geçirende nebitgaz toplumyndan, agrorsenagat toplumynyň pudaklaryndan, önümçilik we durmuş ulgamyndan bolan esasy hyzmatdaşlara daýanýar.

Bankyň maýa goýum syýasatynyň esasy mazmuny şu aşakdakylarda jemlenýär:

– has ileri tutulýan ykdysady, hem durmuş jähtindäki taslamalara maýa goýmak üçin Türkmenistanyň Hökümeti agenti hökmünde orta möhletleýin, uzak möhletleýin daşary ýurt maýasyny çekmekde;
– çekilen daşary ýurt karzlaryna öz wagtynda we ýokary hilli hyzmat etmekde;
– Türkmenistandan Yslam Ösüş Bankynyň Dolandyryjysynyň edarasyny wezipelerini ýerine ýetirmekde.

Geçen ýylda Bank tarapyndan pudaklardaky şu aşakdaky taslamalary maliýeleşdirmek dowam etdirildi:

Hytaýyň Eksport – Import Banky tarapyndan berlen karzlaryň hasabyna maliýeleşdirilýän taslamalary durmuşa geçirmek:

– "Türkmennebit" Döwlet konserni üçin 400,00 million hytaý ýuany möçberindäki nebit-gaz enjamlaryny we turba önümlerini getirmek;
– Türkmenistanyň Aragatnaşyk ministrligi üçin hytaý ýuanynyň 450,00 million möçberindäki telekommunikasion enjamlary getirmek;
– Türkmenistanyň Demirýol ulaglary ministrligi üçin hytaý ýuanynyň 328,45 million möçberindäki ýolagçy wagonlarynyň 113-sini getirmek.

Halkara hyzmatdaşlygynyň ýapon banky tarapyndan:

"Türkmenhimiýa" Döwlet konserniniň Mary şäherinde amiýak we karbimid öndürmek boýunça zawod üçin injiniring we zerur bolan enjamlar bilen üpjün etmek we tehniki hyzmatlar boýunça tehniki maslahaty bermek baradaky taslamany maliýeleşdirmek üçin 45,034 milliard ýapon ýeni möçberindäki karz ylalaşygyna gol çekildi. Ýylyň dowamynda ABŞ-nyň 512.36 million dollar möçberindäki karz serişdeler peýdalanyldy.

Ýurduň ykdysadyýetini ösdürýän pudaklara maýadarlary çekmek maksady bilen Hytaý Eksport-Import Banky we Yslam ösüş banky bilen ýylyň dowamynda Bank tarapyndan olaryň iş saparlary guruldy we geçirildi. Şu geçirilen çäreleriň netijelerinde Hytaý Eksport-Import Banky "Türkmennebit" Döwlet konserni nebit-gaz enjamlaryny we turba önümlerini almak üçin "China Petroleum Technology & Development Corporation" kompaniýasynyň maliýeleşdirmek taslamasy boýunça 200 million hytaý yuan möçberde karz ylalaşygy baglaşyldy.

,,Galkynyş" gaz ýatagynyň işläp taýýarlamagyň taslamasynyň maliýeleşdirmek maksady bilen Bank "Türkmengaz" Döwlet konserni bilen hyzmatdaşlykda Doýçe Banky, Koreýanyň Eksport-Import Banky, Koreýanyň söwda-atiýaçlandyryş korporasiýasy bilen işjeň gepleşikleri alyp bardy.

Mundan başga-da, Hytaý Halk Pespublikasynyň hökümeti we Türkmenistanyň hökümetiniň arasynda Çarçuwaly ylalaşygyny durmuşa geçirmek babatynda işler alnyp baryldy, we Türkmenistanyñ hökümetine Hytaý Halk Respublikasynyñ Hökümeti tarapyndan yzyna gaýtarmasyz grant berildi. Hökümetara Çarçuwaly ylalaşygyny ýerine ýetirmek maksady bilen Hytaý Ösüş banky bilen gerekli Bankara ylalaşygynyñ hasaplaşyk düzgüniñ jemi 280 million hytaý ýuan möçberde boldy. Yzyna gaýtarmasyz berlen serişdeleri durmuşa geçirmek bilen tehniki hyzmatlar merkeziniñ gurluşynyñ taslamasyny, teplowozlary we ýolagçy wagonlary, Türkmenistanyñ Demir ýol we ulag ministrliginiñ demir ýol enjamlaryny bejermek, şeýle hem Farap etrabynda hasahananyñ täze binasynyñ gurluşyna we Samandepe obasynda bejeriş öýleriniñ gurluşyna, Türkmenistanyñ Saglygy goraýyş we medisina ministrligine Hytaý Halk Respublikasy tarapyndan öndürilen döwrebap medisina enjamlary, şeýle hem Türkmenistanyñ Bilim ministrliginiñ edaralaryna kompýuter bilen üpjün edildi. Geçirilen işleriñ netijesinde Hytaý Ösüş banky bilen hyzmatdaşlyk hakyndaky ylalaşyga gol çekildi.

Şeýle hem 2011-nji ýylda Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Dermanlyk ösümlik instituty üçin “Türkmenistanyň dermanlyk ösümliklerinden biomassalary almagyň biotehnologiki usullaryny işläp taýýarlamaga” grant almaga ýüzlenme berildi.

2011-nji ýylyň dowamynda daşarky bergä öz wagtynda hyzmat etmek boýunça borçnamalary ýerine ýetirip, Bank tarapyndan daşary ýurt karz berijileriň peýdasyna ABŞ-nyň 124.54 million dollary möçberinde tölegler geçirildi we 5 karz ýapyldy. Geçen ýyl Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky daşarky alan karzlary üzmegini işläp taýýarlamaga we onuň şertlerini we usullarynyň ylalaşylmagyna işjeň gatnaşdy, bu bolsa esasy bergini, şeýle hem göterimleri tölemek boýunça çykdajylary kemeltmäge mümkinçilik berýär.

Bir ýylyň içinde geçirilen işler netijesinde Bankyň balansynda hasapda durýan daşarky karzlaryň möçberi ABŞ-nyň 829.08 million dollaryna barabar boldy we ýurtlar boýunça böleniňde 2011-njy ýylyň ahyrynda şu aşakdaky ýaly ýagdaýda boldy:




2011-nji ýylda ozal çekilen karzlara hyzmat etmek bilen Bank tarapyndan ýurduň dürli pudaklarynyň täze taslamalaryny maliýeleşdirmegiň mümkinçiligi işlenilip taýýarlanyldy we öwrenildi, olaryň hatarynda önümçilik we himiýa senagatynyň desgalarynyň gurluşygy, elektrifikasiýalaşdyrmak, medisina merkezlerini gurmak ýaly taslamalary tapawutlandyrmak bolar.

**Yslam Ösüş Banky bilen hyzmatdaşlyk**.

Bereket-Etrek-Eýran demir ýolunyň bir böleginiň we şol sanda Türkmenistanyň Demir ýol we ulag ministrliginiň Bereket araçäginde lokomotiw ussahananyň gurluşyny durmuşa geçermekde bank işjeň gatnaşýar

2011-2013-nji ýyllarda Türkmenistan üçin Yslam Ösüş Bankynyň üç ýyllyk maksatnamasyna laýyklykda şu aşakdaky taslamalary maliýeleşdirmäge serişdeleri çekmek boýunça işjeň işler alnyp baryldy:

– Balkan welaýatynyň suw üpjünçiligi boýunça Balkan welaýat häkimliginiň taslamasy;
– Daşoguz şäherindäki aeroportyň emeli uçuş-gonuş zolagynyň gurluşygy boýunça “Türkmenhowaýollary” Döwlet milli gullugynyň taslamasy;
– Türkmenabat şäherindäki aeroportyň emeli uçuş-gonuş zolagynyň gurluşygy boýunça “Türkmenhowaýollary” Döwlet milli gullugynyň taslamasy;
– Türkmenbaşy – Garabogaz – Gazagystan serhedi (Bekdaş Gümrük posty) awtomobil ýoluny döwrebaplaşdyrmak boýunça “Türkmenawtoýollary” Döwlet konserniniň taslamasy.

## BANKYŇ KARZ IŞI

Karzlaşdyrmak 2011-nji ýylda Bankyň ösüşiniň ileri tutulýan ugurlarynyň biri boldy. Karz syýasaty ýurduň ösýän ykdysadyýetiniň maliýe isleglerinden, maýa goýum taslamalarynyň netijeliliginden we özüni ödeşinden ugur alnyp, Türkmenistanyň Prezidentiniň "Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2010-2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasyna" laýyklykda guruldy.

2011-nji ýylda Bankyň karz syýasatynyň möhüm ugurlary şu aşakdakylar boldy:

– daşary söwda amallaryny karzlaşdyrmak;
– maýa goýum karzlaşdyrylmagy babatynda Bankyň gatnaşmagy;
– karz bukjanyň hilini gowulandyrmak we onuň bilen baglanyşykly töwekgelçilikleri azaltmak.

**Karz bukjanyň depgini** *( million manat)*




Hasabat ýylynda Bank ýurduň ykdysady kuwwatynyň ösmegine ýardam berýän maýa goýum taslamalaryny karzlaşdyrmagy amala aşyrmagy dowam etdirdi.

Çekilen daşary ýurt karzlarynyň hasabyna "Türkmennebit" Döwlet konserni, "Türkmenhimiýa" Döwlet konserni, "Maryazot" önümçilik birleşigi, Türkmenistanyň Aragatnaşyk ministrligi, Türkmenistanyň Demir ýol ulaglary ministrligi üçin taslamalar durmuşa geçirildi.

Bankyň öz serişdeleriniň hasabyna şu aşakdakylara jemi 261,54mln. manat karz berildi:

– Türkmenistanyň Syýasatçylyk we sport baradaky döwlet komiteti üçin ýokary amatlykly we gurluşy gowulandyrylan ýaşaýyş jaýlarynyň gurluşygy,
– „Rönesans Türkmen Inşaat Sanaýi we Ticareti A.Ş" kompaniýasynyň filialyna esasy we dolanşyk serişdelerine rewolwer karzy,
– aýlyk hak tölemek üçin„ Polimeks Inşaat Taahhuýut we Senaýi we Ticareti A.Ş" kompaniýanyň filialyna,
– aýlyk hak tölemek üçin dokma aksioner birleşigine,
– aýlyk hak tölemek üçin „Türkmenhimiýa" Döwlet konserniň kärhanalaryna,
– Türkmenistanyň Prezidenti Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky „Türkmenhowaýollary" Döwler milli gullugy üçin ýokary amatlykly we gurluşy gowulandyrylan ýaşaýyş jaýlarynyň gurluşygy,
– Türkmenistanyň Daşary ykdysady we söwda toplumy üçin ýokary amatlykly we gurluşy gowulandyrylan ýaşaýyş jaýlarynyň gurluşygy boýunça ylalaşyk,
– „Türkmenhaly" döwlet aksioner korporasiýasyna we bölümlerine karz,
– „Türkmenistan" Awiakärhanalarynyň dolanyşyk serişdelerini doldurmak üçin karz.

Dünýäde iň iri gaz ýataklarynyň biri bolan "Galkynyş" gaz ýatagyny abadanlaşdyrmak we özleşdirmek boýunça taslamany maliýeleşdirmek üçin Hytaýyň Ösüş Bankyndan alnan umumy möçberi ABŞ-nyň 4.1 milliard dollaryndaky karz hyzmat etmäge "Türkmengaz" Döwlet konserni bilen gecen ýyl ylalaşyga gol çekildi.

Karzlara hyzmat etmäge baglaşylan şertnamalaryň çäklerinde Yslam Ösüş Bankynyň we ОПЕК gaznasynyň karzlarynyň hasabyna maliýeleşdirilen Arçman we Ýylysuw şypahanalarynda gidroterapewtik merkezleriň gurluşygy ýaly taslamalar durmuşa geçirildi, şeýle hem Gyzylgaýa – Bereket – Etrek demirýol ulgamynyň Bereket – Etrek – Türkmen – Eýran böleginiň demirýolunyň gurluşygynyň taslamasy boýunça ylalaşyga gol çekildi.

Ykdysadyýetiň döwlet ulgamyň, kiçi we orta telekeçilik, şeýle hem hususy ulgam, boýunça taslamalary maliýeleşdirmegiň hasabyna emele getirilen Bankyň karz sebedi 2011-nji ýylyň netijeleri boýunça 1,430,00 million manada barabar boldy, olaryň 92,12 % daşary ýurt walýutasynda we 7,88 % milli manatda berlen karzlardyr.

Bankyň karz sebediniň gurluşy 2011-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndaky ýagdaý boýunça ykdysadyýetiň pudaklary boýunça bölünişikde şu aşakdaky ýaly ýagdaýdadyr:




Bank ýylyň dowamynda emele getirilen karz bukjanyň hilini gowulandyrmak boýunça maksada gönükdirilen işleri alyp bardy, hususan-da, karz alan kärhanalaryň maliýe-hojalyk işine döwürleýin seljermäni geçirdi, olaryň netijesi boýunça müşderilere özleriniň kärhanalarynyň işiniň netijeliligini ýokarlandyrmak boýunça maslahatlar berildi, karzlary üzmegiň goşmaça mümkinçilikleri işlenilip taýýarlanyldy. Geçirilen işleriň netijesinde ýylyň jemi boýunça möhleti geçirilen karzlar we göterimler 0,1 % barabar boldy.

## KORPORATIW BIZNESI

Bank öz wezipelerini we maksatlaryny durmuşa geçirende korporatiw müşderiler bilen özara peýdaly ileri tutulýan hyzmatdaşlyga bil baglaýar, olaryň esasyny nebitgaz toplumynyň, agrosenagat toplumynyň, energetika toplumynyň, ulag we aragatnaşygyň, önümçilik we durmuş infrastrukturasynyň pudaklarynda bolan hyzmatdaşlar düzýärler. Mundan başga hem, bankyň hyzmatlaryndan eýeçiligiň dürli görnüşlerindäki kärhanalar we firmalar, iri we orta biznese wekilçilik edýärler, bilelikdäki kärhanalar we daşary ýurt kompaniýalary peýdalanýarlar. Korporatiw biznesiň ösdürilmegi diňe bir bankyň biznesiniň umumy möçberini ösdürmäge mümkinçilik bermän, eýsem ykdysadyýetiň dürli böleklerindäki karz töwekgelçiliklerini diwersifikasiýalaşdyrmaga ýardam berýär.

Korporatiw biznesini ösdürmek babatynda Bankyň syýasaty müşderileriň bähbitleri nazarda tutulyp guruldy we olaryň islegleriniň doly we ýokary hilli kanagatlandyrmaga gönükdirilendir, ol şu aşakdakylaryň hasabyna gazanylýar:

– gös-göni müşderiler bilen işleýän personalyň ýokary hünärliliginiň;
– hyzmatlar edilýän halatynda indiwidual çemeleşişiň we çeýeligiň;
– müşderilere hyzmatlaryň giň toplumyny teklip etmegiň;
– müşderileriň isleglerini nazarda tutýan ýörite bank önümlerini olara teklip etmegiň;
– teklip edilýän bank önümlerine çeýe we bäsleşige ukyply nyrh emele getiriş syýasatynyň;
– häzirki zaman maglumatlar tilsimatlaryny ulanmagyň;
– Meseleleri hukuk taýdan işlenilip taýýarlanmagynyň;

– Bank – korrespondentleriniň giň ulgamynyň.

Iri kärhanalaryň we korporasiýalarynyň işjeň hyzmatdaşy bolmaga çalyşmak bilen bank meýilleşdirilýän eksport – import amallary boýunça, maliýe amallaryny amatlaşdyrmak we olary mümkin bolan säwmelerden goramak maksady bilen beýleki maliýe meseleleri boýunça, erkin pul serişdelerini amatly ýerleşdirmek boýunça hasaplary geçirmek boýunça maslahat beriji hyzmatlaryň giň toplumyny berdi.

Daşary ykdysady işi bilen meşgullanýan müşderiler üçin mümkin bolan säwliklerden goranmak örän möhümdir, sebäbi köpsanly faktorlaryň we kadalaşdyryjy resminamalarynyň hasabynyň ýöredilmegini talap edýär.




## ŞAHSY TARAPLARA HYZMATLAR.

2011-nji ýylda bank häzirki zaman bank önümleriniň we satuwlaryň guralyşynyň ulgamynyň giň toplumy esasynda şahsy müşderiler üçin hyzmatlar bazarynda işjeň işi dowam etdirdi. Müşderileriň bu toparyna hyzmat etmegiň tapawutlandyryjy aýratynlyklary bolup çeýe nyrh we göterim syýasaty, müşderilere edilýän aýratyn teklipleriň doly gizlenmeginiň berjaý edilmegi durýar, olar bilen uzak we onuň hyzmatdaşlygyň, hyzmat etmegiň ýokary medeniýetiniň, bankyň ygtyýarlygynyň tejribesi bardyr.

Hasabat döwründe Bank öz müşderilerine bank önümleriniň we hyzmatlarynyň bank satuwynyň giň toplumyny teklip etdi:

– Hasaplaşyk – kassa hyzmatyny;
– Pul geçirmeleriniň we tölegleriň dürli görnüşlerini;
– Walýuta alyş-çalyş amallaryny;
– Goýumlar, möhleti depozitler boýunça amallary;
– Sarp edijilik maksatlaryna karzlary;
– VISA halkara kartlaryny çykarmagy we olary boýunça hyzmat etmegi;
– Özüniň millikart, altyn we kümüş kartlaryny çykarmagy we olar boýunça hyzmat etmegi;
– Inkassa ýol çeklerini kabul etmegi;
– Gymmat bahaly metallardan ýasalan şaýy pullary satmagy;
– Banknotlar bilen amallary (könelişen kagyz pullary çalyşmagy, banknotlary bölmegi);
– Resminamalary we gymmatlyklary saklamak üçin bank öýjüklerini (gutujyklaryny) kärendesine bermegi;

Plastik kartlary peýdalanmak bilen amallara hyzmat etmek bölek hyzmatlaryny ösdürmegiň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar. VISA halkara töleg ulgamynyň doly hukuklary agzasy bolup durmak bilen Bank VISA Business we VISA Classic, VISA Electron, öziniň “Millikart” plastik kartlaryny çykarmak we olar boýunça hyzmat etmek işlerini üstünlikli alyp barýar. Mundan daşary hem, Mastercart halkara töleg ulgamyna agza bolmagyny dikeltdi. Bank hasabat ýylynyň dowamynda şu ulgama plastik kartlaryň emissiýasynyň we hyzmatynyň ulgamyny ornaşdyrmak

işlerini geçirdi.

2011-nji ýylda kartlary peýdalanmak bilen hyzmatlary bermekde Bank öz müşderilerine bankomatlaryň üsti bilen gije-gündiziň dowamynda nagt pullary almak, plastik kartlary peýdalanmak bilen nagt däl hasaplaşygy geçirmek, kart hasabynyň ýagdaýlary hakynda maglumatlary bermek, kart hasaby boýunça galyndylaryň göterim girdejilerini her aýda almak ýaly mümkinçilikleri döretdi.

2012-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndaky ýagdaý boýunça hyzmat edilen plastik kartlaryň sany 12759 karta barabar boldy, 2010-njy ýyl bilen deňeşdireniňde olaryň sany 4233 artdy, VISA plastik kartyny peýdalanyjylaryň sany 6774 adama, millikart kartyny peýdalanyjylaryň sany bolsa 5985 adama barabar boldy.

**Passiwleriň düzümi**




## RESMINAMALAÝYN AMALLAR WE HALKARA HASAPLAŞYKLAR

Ýurduň iri uniwersal banklarynyň biri bolmak bilen Bank resminamalaýyn amallar (akkreditiwler, kepiller, inkacco) babatynda berilýän hyzmatlaryň toplumyny giňeltmäge we hyzmatlaryň hilini ýokarlandyrmaga hemişe uly üns berýär. Bank müşderileriň giň topary: döwlet kärhanalary, daşary ýurt kompaniýalary, önümçilik – söwda ulgamy bilen baglanyşykly hususy ulgamyň kärhanalary we telekeçileri bilen iş salyşmaga ugur alýar.

2011-nji ýylda import akkreditiwleriň möçberi ABŞ-nyň 572.39million dollaryna barabar boldy. Import akkreditiwleriniň esasy bölegi Bankyň we daşary ýurt banklarynyň karz ulgamlarynyň hasabyna açyldy. Eksport akkreditiwleriniň möçberi ABŞ-nyň 16.70 million dollaryna barabar boldy.

Hasabat döwründe kepillik amallarynyň möçberi ABŞ-nyň 1.87 milliard dollaryna barabar boldy. Kepillikleriň uly bölegi import geleşikleri boýunça daşary ýurt banklary tarapyndan berildi we kepillikleriň şertleriniň we möhletleriniň deslapky ylalaşygy bilen Bank tarapyndan durmuşa geçirildi.

Bank – korrespondentleriň oňat ösen ulgamyna eýe bolmak bilen birlikde Bank halkara müşderi we bankara pul geçirmelerini iň az tutum bilen we öz wagtynda, oňat hilli geçirip bilýär. Bu Bankara halkara hasaplaşyklaryny amala aşyrmakda, Türkmenistanyň banklarynyň arasynda öňde baryjy bolup galmaga mümkinçilik berýär. Halkara hasaplaşyklarynyň möçberi 2011-njy ýylda ABŞ-nyň 50.04 milliard dollaryna barabar boldy.

**Girdejileriň gurluşy**




## MALIÝE BAZARLARYNDAKY AMALLAR

2011-nji ýylyň dowamynda Bank içerki we daşarky maliýe bazarlarynda amallary işjeň ýagdaýda amala aşyrdy.

Türkmenistanyň Bankara walýuta birjasy döredilen pursatyndan başlap oňa agza bolup durmak bilen Bank daşýar ýurt walýutasynda alnan karzlar we daşary söwda şertnamalary boýunça hasaplaşyklary geçirmek üçin özüniň müşderileriniň haýyşy boýunça daşary ýurt walýutasynyň alyjysy hökmünde çykyş edýär.2011-nji ýylyň netijeleri boýunça içerki walýuta bazaryndan Bankyň satyn alan daşary ýurt walýutasynyň möçberi ABŞ-nyň 90.11 million dollaryna barabar boldy.

Halkara walýuta bazarynda geleşikler baglaşylan halatynda Bank bazaryň konýunkturasynyň islendik üýtgemegine öz wagtynda seslenmäge mümkinçilik berýän Reuters – Dealing – 3000 maglumat – söwda ulgamyny peýdalanýar. Daşary ýurt kontragentleriniň Bank üçin bellän limitleri, oňa halkara walýuta bazarynda öz adyndan, şeýle hem özüniň korparatiw müşderileriniň tabşyrygy boýunça çykyş edip, halkara walýuta bazaryna doly bahaly gatnaşyjy bolmaga mümkinçilik berýär.

2011-nji ýylyň jemleri boýunça müşderileriniň tabşyrygy boýunça we halkara walýuta bazarynda öz hasabyna amala aşyrylan konwersion amallaryň möçberi ABŞ-nyň 320.9 million (320.998.610.08) dollaryna barabar boldy, 2010-njy ýyl bilen deňeşdireniňde ABŞ-nyň 17.6 million dollaryna golaý artdy, şunda foreks amallary boýunça arassa girdeji ABŞ-nyň 159.3 müň (159.340.70) dollaryna barabar boldy. Amallar esasan ýewro, ABŞ-nyň dollary, britan funty, ýapon ýeni ýaly walýutalarda geçirildi.

2011-nji ýylda Bank halkara pul bazarynda daşary ýurt walýutasynda serişdeleri ýerleşdirmek boýunça amallary işjeň ýagdaýda alyp bardy. Bu amallaryň maksady daşary ýurt walýutasyndaky artykmaç likwidliligi dolandyrmakdan we "Nostro" Bankyň korrespondent hasaplaryndaky serişdeleriniň galyndysy boýunça girdejililik bilen deňeşdireniňde has ýokary girdejililigi almakdan ybaratdyr. Erkin walýuta aktiwlerini dolandyrmak bilen Bank serişdelerini iri daşary ýurt banklaryndaky gysga möhletleýin depozitlerine ýerleşdirdi. 2012-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndaky ýagdaý boýunça depozitlere ýerleşdirilen serişdeler ABŞ-nyň 650 million dollaryna barabar boldy, girdeji ABŞ-nyň 1.9 million dollaryna barabar boldy.

Nagt bolan daşary ýurt walýutasyna içerki islegi kanagatlandyryp, Bank içerki bazara daşary ýurt banknotlaryny iberýän täjirçilik banklaryň arasynda iň irileriniň biri bolmagynda galýar. Geçen ýylyň jemi boýunça Bank tarapyndan halkara bazarynda nagt daşary ýurt walýutasynyň ABŞ-nyň 24.500 million dollary möçberinde 4.000million ýewro, 1.100 müň britan funt strelingi we 1.300 müň hytaý ýuany we 50 müň şwed franky satyn alyndy.

**Çykjajylaryň gurluşy.**




## MALIÝE INSTITUTLARY BILEN HYZMATDAŞLYK

Maliýe institutlary bilen biznesiň guralyşy we ösdürilişi bank işiniň däbe öwrülen ugurlaryna degişlidir. 2011-nji ýylda Bank maliýe bazarlarynda öz orunlaryny mundan beýläk-de pugtalandyrmak, halkara biznesini giňeltmek we müşderilere halkara derejesindäki hyzmaty bermek maksatlary bilen halkara maliýe gurluşlary bilen hyzmatdaşlygy ösdürmegi dowam etdirdi. Bankyň korrespondent ulgamy Türkmenistanyň banklarynyň arasynda iň giňden ýaýranydyr we şeýle bolmagynda galýar.

Geçen ýyl Bank korrespondent ulgamynyň işini gowulandyrmak boýunça birnäçe çäreleri geçirdi:

– ABŞ-nyň, Ýewropanyň we GDA-nyň öňdebaryjy banklaryndaky korrespondent hasaplarynyň ulgamyny amatlaşdyrmagy;

– GDA-nyň, Ýewropanyň, Demirgazyk Amerikanyň we Aziýanyň ýurtlaryndaky NOSTRO hasaplarynyň üsti bilen hasaplaşyklar geçirilende amal çykdajylaryny peseltmegi we korrespondent hasaplarynyň işiniň düzgünini amatlaşdyrmagy.

Iň iri we ygtybraly banklar bilen özara peýdaly hyzmatdaşlyk gatnaşyklarynyň pugtalandyrylmagy arassa limitleri almaga we konwersion we söwda amallaryny geçirmek üçin Bank karz ulgamynyň döredilmegine ýardam berdi.

Mundan başga hem, 2011-nji ýylyň jemi boýunça Bank daşary ýurt walýutasynda korrespondent hasaplaryny açmak we umumy şertlerde ýöretmek barada Türkmenistanyň täjirçilik banklary bilen hereket edýän 10 ylalaşyga eýedir.

Milli eksport – import we eksport ätiýaçlandyryş agentlikleri bilen hyzmatdaşlyk ulgamynda Bank tarapyndan Ýaponiýanyň Halkara hyzmatdaşlyk banky, Hytaýyň, Çehiýanyň, ABŞ-nyň, Türkiýänyň, Malaziýanyň Eksport-import banklary, Germaniýanyň Germes, Fransiýanyň Kofas we Belgiýanyň OND eksport ätiýaçlandyryş kompaniýalary bilen işjeň hyzmatdaşlyk gatnaşyklary ýola goýuldy, bu aktiw amallaryny gaznalaşdyrmakda, aýratynda Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň ileri tutulýan möhüm pudaklarynyň taslamalaryny maliýeleşdirmekde möhüm çeşmeleriň biri bolup durýan daşary ýurtlarda serişdeleri almagyň bazarynda öňdebaryjy orny oňa saklamaga mümkinçilik berdi.

Halkara banklary we ösüş gaznalary bilen hyzmatdaşlyk ulgamynda Bank Ýewropanyň Ösüş we abatlaýyş banky, Aziýanyň Ösüş banky bilen gatnaşyklary ösdürmäge aýratyn üns berýär.

Aýry ugry hökmünde Bankyň Türkmenistanda Yslam Ösüş bankynyň Dolandyryjysynyň edarasynyň wezipelerini ýerine ýetirmegini, onuň çäklerinde Yslam Ösüş banky we Arap gaznalarynyň Utgaşdyryjy topary bilen işjeň özara hereketiň alnyp barylýandygyny bellemek möhümdir. 2010-njy ýyl şu halkara maliýe instituty bilen bilelikdäki taslamalary durmuşa geçirmek ulgamynda işleriň has öňe ilerländigi bilen häsiýetlendirilýär.

Bulardan başga hem, 2011-nji ýyl Bankyň şu aşakdaky çärelere gatnaşmagy bilen bellenildi:

– Yslam Ösüş Bankynyň Dolandyryjylarynyň müdiryetiniň her ýyl geçirilýän 36-njy duşuşygyna;
– “ Türkmenistanda maliýe ulgamynyň we bank işiniň ösüşi” atly halkara maslahatyna gatnaşmagy;
– Türkmenistanyň Üçünji halkara maýa goýum forumyna

Maliýe bazarlarynda amallar geçirilen halatynda töwekgelçiligi azaltmak maksady bilen Bank özüniň bank - kontragentlerini seçip almaga doly talap edijilikli çemeleşýär.

## MAGLUMAT TİLSİMATLARY.

Hasabat döwründe Bank özüniň işinde maksatnamalaýyn we apparat serişdeleriniň häzirki zaman gurallaryna esaslandyrylan öňdebaryjy tilsimatlary peýdalandy.

2011-nji ýylda ABU-yň täze modullaryny geçmek bilen bankyň işini gowulandyrmaga döwrebap MHHÜ geçmek we hasaplamanyň täze meýilnamasyna geçmäge ýardam berer.

Programmalaýyn üpjünçilik awtomatlaşdyrylan bank ulgamy (ABU) tarapyndan berlendir, ol müşderi-serwer tilsimatyna esaslanýar we ORACLE maglumatlar binýadyny dolandyrmagyň ulgamyny peýdalanýar we Bankyň işiniň ähli uçastoklaryny – hasaplaşyk, karz, kassa, halkara, söwda we diling amallarynyň hasabany ýöretmegi, bank işiniň seljermesini, adminstratiw-hojalyk çykdajylaryny we býujeti, aýlyk hakynyň hasabyny ýöretmegi we beýlekileri iş ýüzünde awtomatizasiýalaşdyrmaga mümkinçilik berýär. Şu ulgamyň hereket etmegi üçin PISC tilsimatlarynyň prosessorlary bilen IBM kompaniýasynyň serwerleri oturdyldy.

„Awaza“ şahamçasy üçin ABU-da töleg resminamalarynyň geçişiniň tertibi we amallary döredildi we sazlaşdyryldy. Baş bölümde bolan merkezleşdirilen maglumatlar binýadyna şahamçany birikdirmek üçin maglumatlary geçirmegiň sanly kanaly guraldy.

Bankda esasy kommutatorlary, monitoring ulgamyny, maglumatlary geçirmegiň akymynyň tizligini awtomatiki ätiýaçlandyrmagy çözmek bilen lokal hasaplaýyş ulgamy hereket edýär, daşary ulgamlar – Türkmenistanyň bankara hasaplaşyklar elektron ulgamy, SWIFT, plastik kartlaryň ulgamy, REUTER ulgamynyň hyzmatlaryndan Bankyň peýdalanmagyna oňa halkara walýuta bazarynda amallary işjeň ýagdaýda alyp barmaga mümkinçilik berýär.

Plastik kartoçkalar boýunça hasaplaşyk ulgamynyň ornaşdyrylmagy Millikart milli plastik kartlar ulgamyny özbaşdak çykarmaga we olar boýunça hyzmat etmäge mümkinçilik berdi. Bankda Millikartyň awtorlaşdyrylmak we hasaplaşyk ulgamy bilen gös-göni aragatnaşygy guramak üçin ýörite enjam oturdyldy.

Bank VISA halkara ulgamynyň doly hukukly agzasy bolup durýar. VISA kartoçkalaryny awtorlaşdyrmak IP-iň – hemra aragatnaşygynyň protokolynyň üsti bilen geçirilýär.

Bankda eýýäm bar bolan milli – Millikart, şeýle halkara – VISA kartoçkalaryny kabul etmek boýunça bankomatlaryň we terminallaryň ulgamyny giňeldýän bankomatlaryň we terminallaryň birnäçe birligi oturdyldy. Bankda IBM Lotus Notes kompaniýasynyň progammalaýyn önümine esaslandyrylan we Bankyň korrespendesiýalarynyň awtomatizasiýaladyrylan hasabyny ýöretmäge mümkinçilik berýän, resminamalaryň elektron dolanyşygynyň ulgamy ýola goýulan.

Bank SIEMENS-iň häzirki zaman telekommunikasion enjamlaryna esaslandyrylan özüniň içerki telefon aragatnaşygynyň ulgamyna eýedir. Daşary kommunikasiýa howpsuzlygyň ýokary derejesini üpjün edýän öýjükli – süýümli kabelde gurulandyr.

Fiziki we elektron howpsuzlygyň wezipelerini çözmek üçin Bankda merkezleşdirilen kompýuter ulgamy ornaşdyryldy, ol özünde ýörite jaýda personalyň barmagyny çäklendirýän ulgamy, telemetriki gözegçilik ulgamy, ýangyn howpsuzlyk ulgamyny jemleýär. Bankda üznüksiz iýmitlenişiň we dizel-generatoryň kuwwatly çeşmelerini jemleýän özbaşdak elektro iýmitlenişiň köpbasgançakly ulgamy hereket edýär.

Ýylyň dowamynda resmi Internetiň – Bankyň saýtynyň personal sahypalaryny goldamak we täzelemek işleri geçirildi.

## TÖWEKGELÇILIKLERI DOLANDYRMAK WE IÇERKI GÖZEGÇILIK

Içerki gözegçilik hyýanatçylyklygyň we ýalňyşlygyň goýberilmegini mümkin däl ýa-da amala aşyrylmasyny kyn ýagdaýda goýar şertleri we bank amallaryny geçirmegiň algoritimini üpjün etmäge ýardam bermelidir.

Bankda içerki gözegçiligiň ulgamy döredilendir, onuň wezipesi şu aşakdakylary üpjün etmek bolup durýar:

– maliýe – hojalyk işiniň täsirliligini we netijeliligini, aktiwleriň we passiwleriň dolandyrylyşynyň, bank töwekgelçilikleriňi netijeliligini;

– maliýe, buhgalter, hasabat we beýleki hasabatlylygyň düzülişiniň we berilişiniň dogrulygyny, dolulygyny, obýektiwligini we öz wagtyndalygyny;

– maglumatlar howpsuzlygyny;
– Bankyň we onuň işgärleriniň Türkmenistanyň kanunçylygyny, Bankyň çäkli kadalaşdyryjy hukuknamalaryny berjaý etmegini;
– Bikanun häsiýete eýe bolan maliýe amallaryna Bankyň çekilmegini aradan aýyrmagy, şol sanda bikanun ýol bilen alnan girdejileri kanunlaşdyrmak bilen baglanyşykly etmişiň duýdurylmagy we öňüniň alynmagyny, şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda maglumatlary öz wagtynda döwlet edaralaryna bermegi.

Bankyň içerki gözegçiliginiň hereket edýän ulgamynyň çäklerinde hasabat ýylynda Bank töwekgelçilikleri dolandyrmagyň syýasatyny işläp taýýarlady, onuň esasy ýörelgeleri şu aşakdakylary belleýär:
– ýitgileriň çekilmegine getirip biljek bank töwekgelçiliklerini azaltmak boýunça Bankyň işiniň umumy ugurlaryny;
– ýitgilere sezewar bolan bank amallarynyň beýanyny;
– töwekgelçilikler, şeýle hem şol töwekgelçilikleri dolandyrmak bilen baglanyşykly amallaryň üstünden gözegçiligi amala aşyrmak boýunça çäreleri.

Syýasata laýyklykda Bank kesgitlemegiň, baha bermegiň we gözegçiligiň hemişelik barşynyň dowamynda, şeýle hem töwekgelçiligiň meýillerini bellemek we içerki gözegçiligiň beýleki çäreleri arkaly töwekgelçilikleri dolandyrmagy amala aşyrýar. Bankyň durnukly düşewüntliligini saklamak üçin töwekgelçilikleri dolandyrmak işi aýgytlaýjy ähmiýete eýedir, Bankyň her bir işgäri hem özüniň borçlary bilen baglanyşykly töwekgelçilik üçin jogapkärçilik çekýär.

Töwekgelçilikleri dolandyryş ulgamy karz töwekgelçiligini, likwidliligi we bazar töwekgelçiligini, şeýle hem amal töwekgelçiliklerini ýzarlaýar.

Töwekgelçilikleri dolandyrmak işini we işiň netijeliligini amatlaşdyrmak üçin Bankda töwekgelçilikleri dolandyrmagyň esasy ugruny işläp taýýarlamak we töwekgelçiligiň ýörelgelerini, jähtlerini we limitleri ornaşdyrmak üçin jogapkärçilik çekýän, töwekgelçilikleri dolandyrmagyň düýpli meseleleri üçin jogap berýän we töwekgelçilikler babatda kabul edilen degişli kararlaryň ýerine ýetirilmegine gözegçilik edýän Karz topary we aktiwleri we passiwleri dolandyrmak boýunça topar hereket edýär.

Töwekgelçilikleri dolandyrmagyň ulgamy yzygiderli esasda içerki audit bölüm tarapyndan gözegçilikde saklanýar.

## IŞGÄRLERI DOLANDYRMAK

Personaly dolandyrmak ulgamynyň esasy maksady – bankyň bölümlerini öz wagtynda hünärli hünärmenler bilen üpjün etmekden, daşky gurşawdaky islendik özgerişe çeýe seslenmäge we Bankyň öňünde goýlan wezipeleri çalt çözmäge ukyply pikirdeşler toparyny döretmekden ybarat.

Onuň gazanylmagy üçin şu aşakdaky wezipeleri çözmek möhümdir:
– Bankyň hünärmenlere bolan islegini seljermek we olaryň daşyndan çekilmegini ýa-da öz işgärleriniň hünärlerini ýokarlandyrmagy meýilnamalaşdyrmak;
– Täze hünärmenleriň seçilip alynmagyny we olaryň uýgunlaşmagyny;
– Işgärleriň hünär attestasiýasyny geçirmegi;
– Işgärleriň yzygiderli okadylmagy hususan-da, attestasiýanyň netijeleri boýunça guramagy;
– Ýolbaşçy wezipelere kadrlaryň ätiýaçlygyny emele getirmegi we olaryň okadylmagyny guramagy;
– Korporatiw medeniýetini emel getirmegi we goldamagy.

Bankdaky iş – bu hünärmentçilik esasynda amala aşyrylýan zähmet işiniň görnüşi, şonuň bilen baglanyşylylykda işgäriň hünäri boýunça eýeleýän ornuna ýokary biliminiň bolmagy esasy talap bolup durýar. Bank kadrlary seçip almak babatynda berk syýasaty ýöredýär, işgärleriň bilim we hünär derejelerine üns berýär. 2012-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndaky ýagdaý boýunça Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň ulgamy boýunça işgärleriň sany 244 adama barabar boldy, olaryň ýokary bilime eýe bolanlary – 160 adam, gutarylmadyk ýokary bilimli – 5 adam, ýörite orta bilimli – 39 adam, orta bilimli – 40 adam.

Işgärleriň umumy sanyndan 2 adam ykdysady ylymlarynyň kandidaty we bir adam tehniki ylymlaryň kandidaty bolup durýar. 2011-nji ýylda iki işgär raýat ýurisprudensiýasy boýunça we ykdysadyýet boýunça aspirantura girdi. Hünär okuw jaýlarynyň uçurymlarynyň hataryndan kadrlara maksada laýyk seçip almagyň bähbitlerinde Bankda Türkmenistanyň Ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň halkara gatnaşyklary institutynyň, Türkmenistanyň Gahrymany A.Niýazow adyndaky maliýe-ykdysadyýet kolležiniň, Türkmen-Türk uniwersitetiniň talyplary tejribe okuwy yzygiderli geçirilýär. Ýylyň dowamynda önümçilik tejribesini 41 talyp geçdi.

Şu ýyl Bankda tejribe okuwyny geçen talyplaryň hataryndan halkara gatnaşyklar institutyndan 4 uçurym,

ykdysadyýet we dolandyryş institutyndan 6 uçurym, bank kollejinden 2 uçurym işe alyndy.

Işgärleriň hünärlerini ýokarlandyrmagyna, ýurduň öňdebaryjy ýokary okuw jaýlary, bank – korrespondentleri we beýleki maliýe institutlary bilen hyzmatdaşlyga uly üns berip, Bank öz işgärleri üçin ýurduň içinde, şeýle hem daşary ýurtlarda seminarlary, treningleri we okuw tejribelerini guraýar. 2011-nji ýylda bankyň işgärleriniň49-sy özleriniň hünär derejelerini ýokarlandyrdylar. Şolaryň 14-si bölümleriň we departamentleriň başlyklarydyr. Hasabat döwrüniň dowamynda Türkmenistanyň Merkezi bankynyň we ýurduň beýleki banklarynyň tejribeli halypalary tarapyndan Maliýe hasabatlylygynyň halkara ülňüleri boýunça işgärleri okatmak geçirildi. Okuwlar «Gökdere» dynç alyş we sagaldyş merkezinde we Türkmenbaşy şäherinde geçirildi.

Munuň daşyndan başga, Bankyň iki işgäri Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet akademiýasynda döwlet gullukçylarynyň hünärlerini ýokarlaňdyrmak boýunça geçirilýän bäş we alty aýlyk kurslarda okady. Bankyň iki işgäri bolsa daşary ýurtda okady.

Bankda iňlis dili boýunça okuwlar we bank işinde tejribesi bolan bankyň öňdebaryjy işgärleri tarapyndan ykdysadyýet boýunça okuwlar yzygiderli geçirilýär. Bankyň Türkmenbaşy şäherindäki şahamçasynyň işgärleri üçin iş ýerlerinde we Baş bankyň bölümlerinde tejribe okuwlary geçirilýär.

Personalyň hünärini ösdürmegiň jähtlerini durmuşa geçirmekde bankyň işgärleriniň attestasiýa düýpli orny eýeleýär, ol, däp bolşy ýaly, üç ýyldan bir gezek geçirilýär, kassa işgärleri üçin bir ýylyň dowamynda iki gezek geçirilýär we barlag möhleti geçenden soň goşmaça bellenilýär ýa-da başga wezipä geçirilýär. Şu çäräniň maksady – ýokary hühärli işgärleri toplamakdan, zähmet öňdürijiligini ýokarlandyrmakdan, Bankyň işiniň netijeliligini kesgitleýän meseleleriň çözülmegine maddy we ahlas gyzyklanmasyny ýokarlandyrmakdan, işgärleriň hünär taýýarlygyny ýüze çykarmakdan ybaratdyr.

Bankyň kadrlar boýunça esasy ugruny durmuşa geçirmegiň çäklerinde işgärleriň jogapkärçilik we hünärmen ygtyýarlygynyň derejesini ýokarlandyrmagyň ýoly bilen içerki bank gatnaşyklaryny kämilleşdirmek we ösdürmek, zähmet şertleriniň hilini ýokarlandyrmak, Bankyň artykmaçlygyny döretmegi boýunça işler geçirildi. Korporatiw medeniýetiň ösdürilmegine aýratyn üns berýär, ol ähli bölümleriň umumy maksatlara etmäge ugur almagyna, tagallany höweslendirmäge mümkinçilik berýär, işgärleriň ygrarlygyny üpjün edýär. Bankda ýylyň dowamynda zähmet öndürijiliginiň ýolarlanmagyna ýardam berýän işgärler üçin durmuş maksatnamalaryny giňeltmek we höweslendirme ulgamyny kämilleşdirmek boýunça çäreler geçirildi.

Işgärleri (personaly) höweslendirmek özünde wezipesi boýunça ýokary çekilmegi, işgärleriň durmuşyndaky ähmiýetli wakalaryň birnäçesi boýunça durmuş ýeňillikleri we kömek pullaryny, maddy kömegi bermegi, tomusky zähmet rugsadynda işgärleriň we olaryň maşgalalarynyň doly bahaly dynç almagyny we şypahanalarda bejeriş almagyny guramagy jemleýär. Öz işgärlerini özüniň ähli amatlyklary bolan ýaşaýyş jaýlary bilen üpjün etmegiň çäklerinde Bank ähli amatlygy we gurluşy gowulandyrylan ýaşaýyş jaýlarynyň gurulmagyny dowam etdirýär.

## BANK BILEN JEMGYÝET

Bankyň üstünlikli işi, Türkmenistanyň gelejegi, ösüp gelýän ýaş nesillerimiziň we ýurdumyzyň akyl potensialy barada alada etmek maksadyna gönükdirilen birnäçe medeniýet, sport, ýaşaýşyň ruhy we durmuş ugurly taslamalary goldamagy alyp barýar.

Geçirilýän hemaýatkär çäreleriň arasynda, sport çäreleriň arasynda bankyň uly tennis milli turnirda, bank ulgamynyň kiçi futbol boýunça ýygyndy toparyna hemaýatkärligini belläp geçmeli. Bankyň gurnan bank ulgamynyň kiçi futbol boýunça ýygyndy topary Türkmenistanyň Türkmenistanyň Milli spartakiýadasynda mini futbol boýunça geçirilen ýaryşlaryň yzly yzyna iki ýyllap ýenijisi boldy.

1998-nji ýyldan başlap Bankyň medeniýet ugry boýunça hemaýat taslamalaryň arasynda, Türkmenistanda ady belli döredijilik toparlarynyň biri bolan “Näzli” çagalar tans toparyny bellemek bolar. 2011-nji ýylda şu tans toparynyň esasynda Bank “Näzli” döredijilik merkezini döretdi, we tans toparlaryny guramaçylyk tarapyndan berkitmäge, onuň solistlarynyň maddy goldawyna we onuň maddy-tehniki binýadynyň pugtalanmagyna ýardam etdi. Şeýle hem Bank 10 ýyldan gowrak Türkmenistanyň halkara çagalar we ýetginjekler sazçylyk merkeziniň hemaýatçysy hököminde çykyş edýär.

Türkmenistanyň durmuş taýdan ösüşinde Bankyň işjeňligi, Aşgabat şäheriniň binagärlik we şähergurluşyk durkynyň ösüşi Milli maksatnamasyny amala aşyrmakda çykyş etmek bilen häsiýetlendirilýär. Bank tarapyndan bölünip berilen serişdelere Bankyň işgärleri üçin ýokary amatlykly we otaglaryň ýerleşişi gowlandyrylan ýaşaýyş jaýlar guruldy, çagalar bagy we dynç alyş zolagy guruldy. Şeýle hem Bankyň paýly gatnaşmagynda “Awaza” milli syýahatçylyk zolagynda dynç alyş-sagaldyş merkezler guruldy.

Aşgabat şäherinde we oňa ýanaşyk ýerlerinde ekologiki durnuklylygyny gowulandyrmak maksady bilen Türkmenistanyň Hökümeti “Gök guşak” maksatnamasyny yglan etdi. Onuň durmuşa geçirilmegine Bank aktiw gatnaşýar, Bank tarapyndan Aşgabat şäheriniň töwereginde 528 gektarly meýdanda 341 müň dekoratiw we miweli

agaçlar ekildi we olara ideg edilýär.

Köneden gelýän däp boýunça Bank maýyp çagalara, çagalar baglaryna yzygiderli maddy kömegini berip durýar.

Haýyr sahabat we hemaýatçylyk, ýurduň we halkyň öňünde raýat jogapkärçiligini we öz işjeňliginiň islendik tarapyna wepaly çemeleşmek bilen häsiýetlendirilmesi, Bankyň täze hilli derejesini kesgitledi.

## BANKYŇ ÖSÜŞINIŇ GELJEGI

Ýakyn geljekde bankyň baş maksady Türkmenistanyň Prezidentiniň “Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2010-2030-njy ýyllar üçin” Milli maksatnamasyny durmuşa geçirmäge işjeň gatnaşmak arkaly milli ykdysadyýetiň ösdürilmegine hemme çäreler bilen ýardam bermekden ybarat bolup durýar.

Öňde goýlan maksady üstünlikli berjaý etmek üçin Bankyň ýolbaşçylygy 2012-nji ýylda olary çözmegiň şu aşakdaky esasy wezipelerini aňlatdy:

– müşderiler binýadyny işjeň ösdürmek;

– karz töwekgelçiliklerini azaltmak we diwersifikasiýa esasynda karz sebediniň hilini we ýokary girdejiligini emele getirmek. Bank müşderileriň esasy toparlaryny – korporatiw müşderileri, kiçi we orta telekiçiligiň kärhanalaryny karzlaşdyrmagy we fiziki taraplara karz bermegi dowam etdirýär.

– berilýän bank önümleriniň sanyny artdyrmak we hilini ýokarlandyrmak, müşderiler bilen işlemegiň täze tilsimatlaryny ornaşdyrmak, bank tilsimatlaryny kämilleşdirmek, awtomatizasiýalaşdyrylan bank ulgamyny döwrebaplaşdyrmak;

– Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň ösdürilmegine maýa goýmak maksady bilen daşary ýurt maliýe bazarlaryndan karz serişdelerini çekmek;

– resminamalaýyn amallaryň geçirilişini amatlaşdyrmak arkaly eksport we import edijilere hyzmat etmegi mundan beýläk-de ösdürmek, bu müşderileriň daşary söwda işinde töwekgelçiliklerini peseltmegiň guraly hökmünde olary has işjeň peýdalanmaga mümkinçilik berer;

– onuň maliýe durnuklylygyny ýokarlandyrmak we müşderileriň bank hyzmatlaryna isleglerini has doly kanagatlandyrmak maksady bilen Bankyň maýasyny artdyrmak. Bu, esasan, girdejiniň maýalaşdyrylmagynyň hasabyna amala aşyrylar, beýleki çeşmeleri çekmek mümkinçiligi hem aradan aýrylmaýar;

– töwekgelçilikleri dolandyrmak syýasatyny kämilleşdirmek, töwekgelçiliklere baha bermegiň häzirki zaman usullaryny we çemeleşişlerini ornaşdyrmak, töwekgelçilikleriň seljermesiniň rus we daşary ýurt nusgalaryny peýdalanmak. Töwekgelçilikli amallar boýunça kararlaryň kabul edilmeginiň kollegial ýörelgesini saklamak bilen Bank işjeň amallary ýerine ýetirýän bölümleriň ýolbaşçylarynyň we işgärleriniň personal jogapkärçiligini güýçlendirýär.

– içerki gözegçilik ulgamynyň netijeliligini ýokarlandyrmak, Bank tarapyndan geçirilýän amallara onuň möçberleriniň meňzeşligini üpjün etmek;

– Bankyň korporatiw dolandyrylyşyny kämilleşdirmek, Bankyň ösüşiniň täze tapgyrlaryna we öňde goýlan wezipelere laýyklykda Bankyň guramaçylyk gurluşynyň täzeden gurulmagy mümkindir.

## 2011-NJI ÝYLYŇ 31-NJI DEKABRYNDA TAMAMLANÝAN ÝYL ÜÇIN MALIÝE HASABATLYGY TAÝÝARLAMAK WE TASSYKLAMAK BOÝUNÇA MÜDIRIÝETIŇ JOGAPKÄRÇILIGINIŇ HASABATY

Şu hasabat garaşsyz auditorlaryň hasabatlaryna aşakda aýdylany tassyklap, garaşsyz auditorlaryň jogapkärçiligi bilen bilelikde garalmalydyr. Hasabat, Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň (mundan beýläk “Bank”) maliýe hasabatlygyna bolan gatnaşygynda Müdiriýetiň we garaşsyz auditorlaryň degişli jogapkärçilikleri boýunça tapawutlandyrýan syn bilen ýerine ýetirildi.

Bankyň Müdiriýeti Maliýe Hasabatlygyň Halkara Ülňelerine (MHHÜ) laýyklykda 2011-nji ýylyň 31-nji dekabrynda tamamlanýan ýyl üçin Bankyň maliýe ýagdaýy, ýagny ýylyň ahyryna özüniň işiniň netijeleri, pul serişdeleriniň hereketi we maýadaky üýtgetmeler hakyndaky maliýe hasabatlygyň taýýarlanylmagynda takyk maglumatlaryň berilmegi boýunça jogapkärçilik çekýär.

Maliýe hasabatlygy taýýarlamakda müdiriýet şu aşakdakylara jogapkär:

- Peýdalanyp boljak bugalteriýa ýörelgelerini saýlamak we olary yzygiderli ulanmak;
- Laýyk bolan bahalandyrmalary we hasaplamalary döretmek;
- Maliýe hasabatlygyň belliklerinde MHHÜ-niň talaplaryny alyp barmak we düýpli deň gelmezlikleri açmak; we
- Eger-de, Bank öz işewürligini görünýän gelejek üçin dowam etdirer diýip çaklan ýagdaýynda Bankyň alyp barýan işiniň maliýe hasabatlygyny taýýarlamak, eger-de, olar kanunalaýyk bolup durmaýan ýagdaýlardan özge ýagdaýlarda bolsa.

Şeýle-de, Müdiriýet şu aşakdakylara jogapkär:

- Bankda işläp taýýarlaýyş, girizme we işjeň hem-de berk içerki gözegçilik ulgamyň işini üpjün etmek;
- Islendik wagtda Bankyň maliýe ýagdaýyny hem-de Bankyň maliýe hasabatlygynyň MHHÜ-ne laýyk gelýändigini kepil geçip bilýän, kanagatlanarly takyklygy ýüze çykarýan degişli bugalterçilik hasabyny ýöretmek;
- Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda bugalterçilik hasabyny ýöretmek;
- Bankyň aktiwlerini gorap saklamakda degişli çäreleri görmek;
- Işde bolup biljek aldawçylygy, ýalňyşlary we başga näsazlyklary ýüze çykarmak we onuň öňüni almak.

2011-nji ýylyň 31-nji dekabrynda tamamlanýan ýyl üçin maliýe hasabatlygy Bankyň Başlyklar Geňeşi tarapyndan 2012-nji ýylyň 30-njy maýda tassyk edildi.

## GARAŞSYZ AUDITORLARYŇ HASABATY

Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň Başlyklar Geňeşine hem-de Müdiriýetine

## MALIÝE HASABATLYGY BARADAKY HASABAT

Biz, 2011-nji ýylyň 31-nji dekabr aýynyň ýagdaýy boýunça maliýe ýagdaýy hakyndaky hasabaty, girdejiler we ýitgiler hakyndaky hasabaty, maýadaky üýtgetmeler hakyndaky hasabaty we tamamlanýan ýyl üçin pul serişdeleriniň hereketi hakyndaky hasabaty, hasaba alyş syýasatynyň görkeziji maglumatyny hem-de beýleki düşündiriş belliklerini öz içinde jemleýän, Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň (mundan beýläk “Bank”) maliýe hasabatlygyň auditini geçirdik.

## MALIÝE HASABATLYK ÜÇIN MÜDIRIÝETIŇ JOGAPKÄRÇILIGI

Müdiriýet – Maliýe Hasabatlygyň Halkara Ülňelerine laýyklykda, şu maliýe hasabatlygyň taýýarlanylmagyna hem-de dogry beýan edilmegine jogapkärdir. Bu jogapkärçilik şulary özünde jemleýär: özünde maddy ýalňyş tassyklamalary, ýa-da hilegärligi we säwligi jemlemeýän, maliýe hasabatlygyň taýýarlygyna we adalatly tanyşdyrylyş dabarasynyň taslamalaşdyrylyşyny, ýerine ýetirilişine we içerki gözegçiligiň saklanylyşyny; degişli hasaba alyş syýasatynyň saýlanylmagyny hem-de ulanylmagyny; we emele gelen ýagdaýlarda, laýyk deslapky hasaplamlary döretmekligi öz içine alýar.

## AUDİTROLARYŇ JOGAPKÄRÇİLİGİ

Biziň, jogapkärçiligimiz, geçiren auditimize esaslanýan maliýe hasabatlar baradaky pikirlerimizi beýan etmekden ybarat. Biz, auditi – Auditiň Halkara Ülňelerine laýyklykda geçirdik. Bu ülňeler, biz tarapyndan etniki talaplary we meýilnamalary ýerine ýetirmekligi, şeýle-de laýyk kepili almak ýa-da özünde maddy ýalňyş tassyklamalary jemlemeýän maliýe hasabatlygy almak üçin auditi amala aşyrmaklygy talap edýär.

Audit – hökmany auditorçylyk subutnamasynyň san görkezijilerini we maliýe hasabatlygyň belliklerini almak üçin, iş kadalaryny ýerine ýetirmekligi öz içinde saklaýar. Saýlanyp alnan kadalar, auditorlaryň professional pikirlerine, şol sanda, maliýe hyýanat etmeleri ýa-da ýalňyşlary netijesinde maliýe hasabatynyň düýpli ýoýulma töwekgelçiliginiň bahalandyrylmasyna esaslanýar. Şunuň ýaly töwekgelçilikleriň bahalandyrylmasy – belli ýagdaýlarda peýdalanylýan, auditorçylyk kadalaryny işläp taýýarlamak maksady üçin, maliýe hasabatlygyň taýýarlylygy we adalatlylygy boýunça içerki gözegçilik ulgamynyň seredilmegini öz içine alýar, ýöne bu bahalandyrma içerki gözegçilik ulgamynyň işjeňligi baradaky pikirleriň beýan edilmegini göz öňünde tutmaýar. Şeýle-de, audit – peýdalanylýan hasaba alyş syýasatynyň kanunylygynyň we başlyk tarapyndan edilen çaklamalaryň esaslandyrylandygynyň bahalandyrmasyny, hem-de bitewlikde maliýe hasabatlyga bolan bahalandyrmany öz içinde jemleýär.

Biz, özümiz tarapyndan alynan auditorçylyk subutnamalaryň, bellenen maliýe hasabatlylygy baradaky pikirleri beýan etmekde ýeterlikli esas diýip hasap edýäris.

Pikir

Biziň pikirimizçe hödürlenýän maliýe hasabatlar 2011-nji ýylyň 31-nji dekabrynda Bankyň maliýe ýagdaýynyň, şeýle hem görkezilen senede tamamlanýan ýyl üçin onuň işiniň netijeleriniň we pul serişdeleriniň hereketiniň maliýe hasabatlaryň Halkara standartlaryna laýyklykda ähli düýpli gatnaşyklarda dogrudygyny görkezýär.

Deloitte, LLP

2012 ýyl 30 maý
Ş.Almaty,Gazagystan

## 2011-NJI ÝYLYŇ 31-NJI DEKABRYNDA TAMAMLANÝAN ÝYL ÜÇIN GIRDEJILER WE ÝITGILER HAKYNDA HASABAT
(Türkmen müň manadynda)

| | Bellik | 2011-nji ýylyň 31-nji dekabry | 2010-njy ýylyň 31-nji dekabry |
|---|---|---|---|
| Göterim girdejileri | 4, 21 | 74,819 | 62,437 |
| Göterim çykdajylary | 4, 21 | (55,140) | (37,924) |
| GÖTERIM GIRDEJISINI WE GIRÝÄN AKTIWLER BOÝUNÇA GYMMATYŇ PESELMEGINDEN ÝITGILER ÜÇIN ÄTIÝAÇLANDYRMANYŇ DÖREDILMEGINE ÇENLI SAP GÖTERIM GIRDEJISI | | 19,679 | 24,513 |
| Göterim girdejisini berýän aktiwler boýunça gymmatyň peselmeginden ýitgiler üçin ätiýaçlandyrmany dikeltmek | 5 | 10,193 | (2,684) |
| SAP GÖTERIM GIRDEJISI | | 29,872 | 21,829 |
| Daşary yurt walýutasy bilen geçirilen amallardan alnan sap girdeji | 6 | 14,262 | 5,055 |
| Ýygym girdejileri | 7, 21 | 25,788 | 20,013 |
| Ýygym çykdajylary | 7 | (10,019) | (8,239) |
| Başga amallar boýunça gymmatyň peselmeginden ýitgiler üçin ätiýaçlandyrma | | 1,968 | (901) |
| Başga sap çykdajylar | | (4,856) | (1,657) |
| SAP GÖTERIMSIZ GIRDEJILER | | 27,143 | 14,271 |
| AMALLAR BOÝUNÇA GIRDEJI | | 57,015 | 36,100 |
| AM ALLAR BOÝUNÇA ÇYKDAJY | 8 | (18,336) | (15,292) |
| SALGYT SALYNMAGYNA ÇENLI GIRDEJI | | 38,679 | 20,808 |
| Girdeji salgydy boýunça ýeňillik/(çykdajy) | 9 | (2,918) | (1,503) |
| SAP GIRDEJI | | **35,761** | **19,305** |
| JEMI GIRDEJI | | **35,761** | **19,305** |

## 2011-NJI ÝYLYŇ 31-NJI DEKABRYNDA TAMAMLANÝAN ÝYL ÜÇIN MALIÝE ÝAGDAÝY HAKYNDA HASABAT
(Türkmen müň manadynda)

| | Bellik | 2011-nji ýylyň 31-nji dekabry | 2010-njy ýylyň 31-nji dekabry |
|---|---|---|---|
| **AKTIWLER:** | | | |
| Türkmenistanyň Merkezi bankyndaky serişdeler | 10 | 251,873 | 139,596 |
| Banklardaky serşdeler | 11 | 3,126,839 | 1,634,956 |
| Müşderilere berlen karzlar | 12, 21 | 2,680,697 | 1,424,069 |
| Satuwa degişli bolan maýa goýumlar | | 2,051 | 2,054 |
| Esasy serişdeler we maddy däl aktiwler | 13 | 33,341 | 33,160 |
| Möhleti gaýra goýlan salgyt aktiwi | 9 | 7,548 | 2,887 |
| Beýleki aktiwler | 14 | 114,296 | 122,271 |
| **AKTIWLERIŇ JEMI** | | 6,216,645 | 3,358,993 |
| **BORÇNAMALAR WE MAÝA BORÇNAMALAR:** | | | |
| Banklaryň serişdeleri | 15,21 | 30,309 | 60,872 |
| Müşderileriň serşdeleri | 16,21 | 3,452,904 | 1,810,170 |
| Beýleki çekilen serişdeler | 17 | 2,379,911 | 1,177,509 |
| Beýleki borçnamalar | 18 | 53,766 | 46,448 |
| **Jemi borçnamalar** | | 5,916,890 | 3,094,999 |
| **MAÝA:** | | | |
| Esaslyk maýa | 19 | 119,978 | 98,980 |
| Paýlanylmadyk peýda | | 179,777 | 165,014 |
| **Jemi maýa** | | 299,755 | 263,994 |
| **BORÇNAMALARYŇ WE MAÝANYŇ JEMI** | | 6,216,645 | 3,358,993 |

***Bu maliýe hasabatynyň bellikleri maliýe hasabatlygyň aýrylmaz bölegidir.***

## 2011-NJI ÝYLYŇ 31-NJI DEKABRYNDA TAMAMLANÝAN ÝYL ÜÇIN MAÝADAKY ÜÝGETMELER HAKYNDA HASABAT
**(Türkmen müň t manadynda)**

| | Esaslyk maýa | Paýlanylmadyk peýda | Jemi maýa |
|---|---|---|---|
| **2009-njy ýylyň 31-nji dekabry** | 84,235 | 160,454 | 244,689 |
| Esaslyk maýasyny artdyrmak | 14,745 | (14,745) | - |
| Umumy girdeji | - | 19,305 | 19,305 |
| **2010-njy ýylyň 31-nji dekabry** | 98,980 | 165,014 | 263,994 |
| Esaslyk maýasyny artdyrmak | 20,998 | (20,998) | - |
| Umumy girdeji | - | 35,761 | 35,761 |
| **2011-nji ýylyň 31-nji dekabry** | **119,978** | **179,777** | **299,755** |

***Bu maliýe hasabatynyň bellikleri maliýe hasabatlygyň aýrylmaz bölegidir.***

## 2011-NJI ÝYLYŇ 31-NJI DEKABRYNDA TAMAMLANÝAN ÝYL ÜÇIN PUL SERIŞDELERINIŇ HEREKETI HAKYNDA HASABAT (Türkmen müň manadynda)

| | Bellik | 2011-nji ýylyň 31-nji dekabry üçin | 2010-njy ýylyň 31-nji dekabry üçin |
|---|---|---|---|
| AMAL IŞINDEN GELÝÄN PUL SERIŞDELERINIŇ HEREKETI: | | | |
| Girdeji salgydyny tölemäge çenli girdeji | | 38,679 | 20,808 |
| Maddalaryň düzedişleri: | | | |
| Amortizasiýa çykdajylary we esasy serişdeleriň geçirilmeginden bolan ýitgi | 8,13 | 1,744 | 1,811 |
| Göterim girdejisini berýän aktiwler boýunça gymmatyň peselmeginden ýitgiler üçin ätiýaçlandyrma/(ätiýaçlandyrmany dikeltmek) | 5 | (10,193) | 2,684 |
| Başga amallar boýunça gymmatyň peselmeginden ýitgiler üçin ätiýaçlandyrma | 5 | 1,968() | 901 |
| Esasy serişdeleri hasapdan aýyrlan sebäpli ýitgi | | 2 | - |
| Daşary yurt walýuta amallary boýunça nyrhlaryň oňaýly aratapawudy | 6 | (1,286) | 1,183 |
| Sap göterimiň artmagy boýunça üýtgemeler | | 11,947 | (5,199) |
| Beýleki düzüdili şler | | - | 9,060 |
| Amal aktiwleriň we borçnamalaryň üýtgemegine çenli amal işinden bolan pul serişdeleriniň gelmegi | 38,925 | 31,248 | |
| Amal aktiwlerde we borçna malarda üýtgemeler | | | |
| Amal aktiwlerini (artdyrmak)peseltmek: | | | |
| Iň az ätiýaçlyk depoziti | | 7,948 | (4,668) |
| Banklardaky hasaplar we depozitler | | 132,234 | (42,535) |
| Müşderilere berlen kazrlar | | (1,251,816) | 96,529 |
| Beýleki aktiwler | | (11,228) | (98,773) |
| Amal borçnamalaryny atrdyrmak/(peseltmek): | | | |
| Banklaryň serişdeleri | | (30,563) | 24,774 |
| Müşderileriň gündelik hasaplary | | 1,642,906 | 1,188,394 |
| Beýleki borçnamalar | | 7,318 | 45,727 |
| Salgyt salynmagyna çenli amal işinden pul serişdeleriniň gelmegi | | 558,180 | 1,240,696 |
| Tölenen girdeji salgydy | | (7,579) | (1,788) |
| Amal işinden sap pul serişdeleriň gelmegi | | 550,601 | 1,238,908 |
| MAÝA GOÝUM IŞINDEN PUL SERIŞDELERINIŇ HEREKETI: | | | |
| Esasy serişdeleri we enjamlary edinmek | 13 | (1,927) | (1,070) |
| Bank tarapyndan üzülişmek möhletine çenli saklanylýan maýa goýumlary edinmek | | - | 26,510 |
| Maýa goýum işinden pul serişdeleriniň sap gelip gitmegi | | (1,927) | 25,440 |

## 2011-NJI ÝYLYŇ 31-NJI DEKABRYNDA TAMAMLANÝAN ÝYL ÜÇIN PUL SERIŞDELERINIŇ HEREKETI HAKYNDA HASABAT (dowamy)
## (Türkmen müň manadynda)

| | Bellik | 2011-nji ýylyň 31-nji dekabrynda tamamlanýan ýyl üçin | 2010-njy ýylyň 31-nji dekabrynda tamamlnaýan ýyl üçin |
|---|---|---|---|
| **MALIÝE IŞINDEN PUL SERIŞDELERINIŇ HEREKETI:** | | | |
| Üzülişen beýleki çekilen serişdeleri | | (858,464) | (228,521) |
| Alynan beýleki çekilen serişdeleri | | 2,054,123 | 694,047 |
| Maliýe işinden bolan pul serişdeleriniň sap gitmegi /(gelmegi) | | 1,195,659 | (219,524) |
| PUL SERIŞDELERINIŇ WE OLARYŇ EKWIWALENTLERINIŇ SAPARTDYRMAGY | | 1,744,333 | 1,044,824 |
| *Daşary yurt walýutasynyň pul serişdesine bolan üýtgemeleriniň netijesi we onuň ekwiwalentleri* | | 17 | 2,731 |
| ÝYLYŇ BAŞYNA PUL SERIŞDELERI WE OLARYŇ EKWIWALENTLERI | 10 | 1,591,933 | 544,378 |
| ÝYLYŇ AHYRYNA PUL SERIŞDELERI WE OLARYŇ EKWIWALENTLERI | 10 | 3,336,283 | 1,591,933 |

2011-nji ýyllyň 31-nji dekabry ýagdaýy boýunça bank tölenen we alynan göterimleriň jemi 69,443 müň manat we 61,711 müň manada degişlilikde deň boldy.

2010-njy ýyllyň 31-nji dekabry ýagdaýy boýunça bank tölenen we alynan göterimleriň jemi 28,891 müň manat we 58,603müň manada degişlilikde deň boldy.

***Bu maliýe hasabatynyň bellikleri maliýe hasabatlygyň aýrylmaz bölegidir.***

# 2011-NJI ÝYLYŇ 31-NJI DEKABRYNDA TAMAMLANÝAN ÝYL ÜÇIN MALIÝE HASABATLARA BELLIKLER

## 1.GURAMA

Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky (mundan beýläk "Bank") 1992-nji ýylyň 27-nji ýanwarynda Türkmenistanyň Prezidentiniň Permany bilen döwlet täjirçilik banky hökmünde döredildi. Bank öz işini daşary ýurt walýutasy bilen amallary amala aşyrmak üçin 97 belgili baş bank ygtyýarnamasyna hem-de 32 belgili ygtyýarnama laýyklykda amala aşyrýar. Şu aşakdakylar bankyň işiniň esasy görnüşleridir: goýumlary çekmek we müşderileriň hasaplaryny ýöretmek, karzlary we kepilnamalary bermek, hasaplaşyk-kassa hyzmatyny amala aşyrmak, gymmatly kagyzlar hem-de daşary ýurt walýutasy bilen amallary geçirmek. Bankyň işi Türkmenistanyň Merkezi banky (mundan beýläk "TMB") bilen düzgünleşdirilýär.
Bank şu aşakdaky salgyda hasaba alyndy: Türkmenistan, Aşgabat şäheri, Garaşsyzlyk şaýoly, 32.
2011-2010-njy ýyllaryň 31-nji dekabry ýagdaýyna Bankyň bir şahamçasy bar.
Bank Türkmenistanyň Hökümetine doly degişlidir.

Maliýe hasabatlygy Müdiriýet tarapyndan 2012-nji ýylyň 30-nji maýynda tassyklanyldy.

2011-nji ýylyň 31-nji dekabyrynda tamamlanan ýylda ortaça Bankyň işgärleriniň sany 206 adamdan ybarat boldy (2010ý.31-nji dekabyryna: 193 adam).

## 2. HASABATLYK BILEN TANYŞDYRMAGYŇ ESASLARY

### Bugalterçilik hasabynyň esaslary

Şu, maliýe hasabatlygy Bugalterçilik Hasabynyň Halkara Ülňeleri boýunça Geňeşi (BHHÜG) hem-de Halkara Maliýe Hasabatlygy boýunça Düşündiriş berýän Komiteti (HMHDK) tarapyndan işlenilip taýýarlanylan Maliýe Hasabatlygyň Halkara Ülňelerine (MHHÜ) laýyklykda ýerine ýetirildi.
Şu, maliýe hasabatlygy Bankyň hereket edýän gurama hökmünde, şeýle-de onuň görünýän gelejeginiň amallary boýunça işi dowam etdirjekdigi bilen, öz üstüne jogapkärçiligi almagy esasynda işlenip taýýarlanyldy.

Şu, maliýe hasabatlygy ilkinji gymmatynyň düzgünine laýyklykda ýerine ýetirildi.

### Esasy çaklamalar

Şu, maliýe hasabatlygy Bankyň bugalterçilik hasabynyň ülňelerine laýyklykda taýýarlanyldy we MHHÜ-ne laýyklykda tertipleşdirildi. Goşulan üýtgetmeler öz içine kesgitlenen reklassifikasiýany jemleýär, çünki bu bolsa amallaryň ykdysady ýagdaýyny, şol sanda maliýe hasabatynyň mazmunyna degişli bolan kesgitlenen aktiwleriň we borçnamalaryň, girdejileriň hem-de çykdajylaryň reklassifikasiýasyny görkezýär.

### Funksional walýuta

Bankyň maliýe hasabatlygyna goşulan maddalar, bellenen ykdysady obýektler babatynda geçirilýän amallaryň we ýagdaýlaryň, ykdysady manysyny has gowy şertlerde görkezýän, walýutany ulanmak arkaly bahalandyrylýar ("Funksional walýuta"). Şu maliýe hasabatlygyň amallar walýutasy türkmen manadydyr ("TMM").

## 3. HASABA ALYŞ SYÝASATYNYŇ ESASY DÜZGÜNLERI

Maliýe gurallaryny ykrar etmek we bahalandyrmak
Bank maliýe guralynyň şertnamalaýyn borçnamasynyň tarapy bolmak bilen, özüniň maliýe ýagdaýynyň hasabatynda, maliýe aktiwleri we borçnamalary ykrar edilýar. Maliýe aktiwlerini we borçnamalaryny wagtly-wagtynda satyn almak we satmaklyk, bugalterçilik hasabynyň senesine görä ykrar edilýär. Şunuň ýaly maliýe gurallaryny wagtly-wagtynda satyn almak ýollary, ahyrda, söwda senesi bilen hasaplaşyk senesiniň arasyndaky adalatly gymmaty boýunça ölçener we satyn alnan gurallar ýaly hasaba alnar.
Maliýe aktiwler we borçnamalar ilkibaşda adalatly gymmat boýunça ykrar edilýär. Eger-de, maliýe aktiwleriniň we borçnamalarynyň ilkibaşdaky gymmaty, girdeji ýa-da ýitgi arkaly adalatly gymmat boýunça maliýe aktiwi we borçnamasy bolup durmaýan bolsa, onda, olar gös-göni maliýe aktiwini edinmek ýa-da döretmek ýa-da maliýe borçnamasyny emissiýasy etmek bilen bagly bolan amallar çykdajysynyň jemine korrektirlenilýär. Agzalan ýagdaýlar gatnaşygyndaky soňraky ýaňadan ölçemeler üçin bolan hasaba alyş syýasaty aşakda beýan edilýän degişli hasaba alyş syýasatynda açylyp görkezilýär.

**Maliýe aktiwleriniň we borçnamalarynyň ykrar edilmegini ýatyrmak**

**Maliýe aktiwleri**
Maliýe aktiwiniň (ýa-da, haýsy hem bolsa bir ýerde ulanyp bolýan maliýe aktiwiniň bir topary ýa-da maliýe aktiwine deňelýän aktiwleriň bir topary) şu ýagdaýlarda ykrar edilmesi ýatyrylyp bilner:

- Aktiwlerden pul serişdelerini almak hukugynyň hereketiniň bes etmegi;
- Aktiwlerden gelýän akymlaýyn pul serişdelelerini almak boýunça Bankyň öz hukuklaryny geçirmegi, ýa-da aktiwlerden gelýän akymlaýyn pul serişdelerini almak boýunça Bankyň öz hukuklaryny saklap galmagy, ýöne, şol bir wagtyň özünde üçünji tarapa “geçirmek” ylalşygy esasynda doly tölemek jogapkärçiligini alanda;
- Bank (a) ähli töwekgelçilikleri we aktiwlerden bolan girdejileri geçirýär, ýa-da (b) ähli töwekgelçilikleri we aktiwlerden bolan girdejileri geçirmeýär hem-de özünde saklap galmaýar, ýöne, aktiwlere bolan gözegçiligi berýär.

Maliýe aktiwiniň ykrar edilmegi, eger-de ol geçirilen we ykrar edilmäniň ýatyrylmagy üçin talaplar ýerine ýetirilen bolsa, ol ykrar edilme ýatyrylan diýip hasap edilýär. Geçirmek tertibi Bankyň: (a) Aktiwlerden gelýän pul serişdelerini almak boýunça ylalaşyklaýyn hukuklaryny geçirmegi; ýa-da (b) aktiwlerden gelýän pul serişdelerine bolan hukugy saklap galmak, eger-de pul serişdelerini üçünji tarapa geçirmek boýunça şertnamalaýyn borçnamalary öz üstüne alan ýagdaýynda. Geçirişden soňra, Bank geçirilen aktiwler babatynda saklanyp galan töwekgelçilikleriň we girdejileriň derejesini täzeden bahalandyrýar. Eger-de, ähli töwekgelçilikler we girdejiler saklanyp galsa, onda aktiwler, maliýe ýagdaý hakyndaky hasabatda bolýar. Eger-de, ähli töwekgelçilikler we girdejiler geçirilen bolsa, onda aktiwleriň ykrar edilmegi ýatyrylýar. Eger-de, ähli töwekgelçilikler we girdejiler saklanylmadyk we geçirilmedik ýagdaýynda, Bank aktiwiň gözegçiligini saklap galmagy boýunça bahalandyrma geçirýär. Eger-de, ol gözegçiligi saklap galmasa, onda aktiwleriň ykrar edilmegi ýatyrylýar. Haýsydyr-bir ýerde Bank aktiwlere öz gözegçiligini saklaýan bolsa, onda aktiwleriň ykrar edilmegi, onuň gatnaşyjylyk derejesi bilen bilelikde dowam etdirilýär.

**Maliýe borçnamalary**

Eger-de, borçnama üzülişen, ýatyrylan ýa-da güýji geçen bolsa, onda maliýe borçnamasynyň ykrar edilmesi ýatyrylan diýip hasap edilýär.
Eger-de, maliýe borçnamasy, şol bir karz berijä düýpli dürli-dürli şertler ýa-da borçnamanyň möhletleri bilen üýtgedilse, başga şertler bilen çalşyrylan bolsa, onda munuň ýaly çalşyrmalary ýa-da täzeleýişleri ilkinji borçnamanyň ykrar edilmesiniň ýatyrylmagy, onuň ýerine bolsa täze borçnamanyň ykrar edilmegi bilen seredilýär hem-de degişli balans gymmatynyň tapawutlyklary girdejiler baradaky hasabatda ykrar edilýär.

**Pul serişdeleri we Türkmenistanyň Merkezi bankyndakyky hasaplar**

Pul serişdeleri we olaryň ekwiwalentleri – kassadaky bar pul serişdeleri, aragatnaşyk hasaplaryndaky çäksiz balansy we TMB-daky möhletli depozit hasaby we ilkinji üzülişmek möhletli 90 günlik bolan beýleki banklar arasyndaky aragatnaşyk hasaplary öz içine alýar. TMB-daky minimal ätiýaçlyk gaznasy, onuň peýdalanylmagyna bolan çäklendirme sebäpli pul serişdesiniň ekwiwalenti bolup durmaýar.

**Banklaryň serişdeleri**

Bank, alyp barýan gündelik işinde beýleki banklar bilen dürli döwürler üçin karzlary we depozitleri alyp barýar. Banklara bellenen möhletde üzülişmek şerti bilen berilýän karzlar, göterimiň işjeň usulyny ulanmak arkaly amortizirlenen gymmatynda ölçenilendir. Eger-de, berilen karzlar, bellenen möhletde üzülişmek şerti bilen şertlendirilmedik bolsa, onda, tölegiň möhleti garaşylýan senä esaslanan, amortizirlenen gymmatlandyrma bilen amala aşyrylýar. Karz guramalaryndaky serişdeler, islendik gymmatyň peselmeginden bolan ätiýaçlyklary aýyrmak bilen ölçenilýär.

**Müşderilere berilýän karzlar**

Müşderilere berilýän karzlar, bu – maliýe aktiwleriniň beýleki kategoriýalarynyň klassifikasiýasyndan tapawutlylykda, işjeň bazarda kotirlenmeýän, fiksirlenen we kesgitlenen tölegli, emeli bolmadyk aktiwlerdir.
Bank tarapyndan bellenen möhlede üzülişmek şerti bilen berilýän karzlar babatynda, onuň ilkinji adalatly gymmaty, şeýle hem karza degişli bolan amallar boýunça çykdajylary goşmak bilen ykrar edilýär. Eger-de, karzyň garalýan adalatly gymmaty, karzyň adalatly gymmaty bilen deňleşmese, ýagny, mysal üçin: berilen karz, bazar bahasynyň hümmetinden pes bolsa, onda garalýan adalatly gymmat bilen karzyň adalatly gymmatynyň arasyndaky tapawutlylyklar, karzyň başlangyç ykrarnamasynda ýitginiň hasabyna ykrar edilýär hem-de şu ýitgiler girdejiler boýunça hasabata goşulýar. Netijede, karzlary göterimiň işjeň usulyny ulanmak arkaly amortizirlenen gymmatynda ölçenilýär. Müşderilere berilýän karzlar, gymmatyň peselmeginden bolan ätiýaçlyklary aýyrmak bilen ölçenilýär.

**Üzülişmedik karzlary we awanslary hasapdan aýyrmak**

Eger-de, berilen karzlar ynamsyz algy bolup durýan bolsa, onda ol diňe gymmatyň peselmeginiň ýitgisiniň hasabyna hasapdan aýrylyp bilner. Banka tölenilmäge degişli bolan pul serişdelerini yzyna gaýtaryp almak boýunça ähli çäreler Müdiriýet tarapyndan geçirilenden soňra, bar bolan üpjünçiligini satmak arkaly berilen karzlar hasapdan aýrylýar. Wagtyndan öň hasapdan aýrylan pul serişdeleriniň soňraky gaýtarylyşy, öweziň doldurylýan senesine görä, girdejiler baradaky hasabatda görkezilmek şerti bilen, maliýe aktiwlerinde çykdajylaryň peselmegi görnüşinde görkezilýär.

**Gymmatyň peselmeginiň ýitgileri boýunça ätiýaçlyklar**

Maliýe aktiwiň ýa-da maliýe aktiwleriň toparlarynyň gymmatynyň peselmegi boýunça obýektiw güwänamalaryň bar bolan ýagdaýynda, adalatly gymmaty boýunça görkezilmeýän maliýe aktiwleriniň gymmatynyň peselmegi hasaba alynýar. Maliýe aktiwiniň gymmatynyň peselmegi, munuň özi, aktiwleriň balans gymmatynyň hem-de çaklanylýan geljekgi pul serişdeleriniň häzirki gymmatynyň arasyndaky tapawutlylykdan ybaratdyr, şol sanda, amortizirlenen gymmatynda hasaba alynýan, maliýe aktiwleri boýunça diskontirlenen ilkibaşdaky işjeň göterim stawkasyny peýdalanmak bilen kepilliklerden hem-de üpjünçilikden alnyp bilinjek pul serişdeleriniň jeminden ybarat bolup durýar. Eger-de, soňraky döwürde gymmatyň peselmeginiň derejesi peselse we munuň ýaly peselmeler, gymmatyň peselmegini ykrar etmekden soňraky çäreler bilen obýektiw baglaşdyryp bolýan bolsa, onda, irki gymmatyň peselmeginden ykrar edilen ýitgi, ätiýaçlyk hasabyna korrektirowka etmek arkaly dikeldilýär.
Özüne düşýän gymmaty boýunça görkezilýän maliýe guralynyň gymmatynyň peselmeginiň ätiýaçlyklary – maliýe aktiwiniň balans gymmatynyň we häzirki bazaryň göterim derejelerini şunuň ýaly maliýe guralyna peýdalanmak arkaly bahalandyrylan, gelejekgi diskontirlenen pul serişdeleriniň häzirki gymmatynyň arasyndaky tapawutlylygy öz içine alýar. Şunuň ýaly gymmatyň peselmeginden bolan ýitgiler soňra dikeldilmeýär.
Töwekgelçiliklere sezewar bolýan aktiwleri seljermek esasynda, gymmatyň peselmeginiň ätiýaçlygy hasaplanyp tutulmagy ýerine ýetirilýär we müdiriýetiň pikirine laýyklykda, degişli çykdajylaryň öwezini doldurup biljek, ýeterlikli pul serişdesiniň jemi görkezilýär. Ätiýaçlyklar – töwekgelçiliklere sezewar bolýan aktiwleri aýrybaşga bahalandyrmagyň, özbaşdaklykda möhüm bolup durýan maliýe aktiwleri gatnaşygynda hem-de özbaşdaklykda möhüm bolup durmaýan maliýe aktiwleri gatnaşygyndaky, aýrybaşga we bilelikdäki bahalandyrma esasynda döredilýär.

Gymmatyň peselmegindäki ätiýaçlyklaryň üýtgetmegi, ätiýaçlykdan bolan girdejilere degişli bolup durýar (maliýe aktiwler amortizirlenen gymmatda görkezilýär) ýa-da göni hasapdan aýrylýar (maliýe aktiwler gymmaty boýunça görkezilýär). Aktiwler, maliýe ýagdaýy baradaky hasabatda – gymmatyň peselmeginiň ätiýaçlyklaryny aýyrmak bilen hasaplanyp, görkezilýär. Gymmatyň peselmeginiň ýitgileri, Bank şeýle bahalandyrýar, ýagny, bu ýagdaý öz içinde, debitoryň ýa-da emitentiň likwidliligini, onuň töleg ukyplylygyny, alyp barýan işiniň we maliýe töwekgelçiliklerini, şular ýaly maliýe aktiwlerinde borçnamalaryň ýerine ýetirilmezliginiň derejesini we tendensiýasyny, döwletiň we sebitiň ykdysady tendensiýasyny hem-de ýagdaýyny, şeýle hem üpjünçiligiň we kepilnamalaryň adalatly bahasyny jemleýär. Şu we beýleki faktorlar aýrybaşga hem-de umuman maliýe aktiwlerinde ýa-da maliýe aktiwleriniň toparlarynda gymmatyň peselmeginiň ýitgilerini ykrar etmek boýunça obýektiw maglumatlaryň giň göwrümini öz içine alýar.
Şeýle-de, bu ýitgileriň bahalandyrylmasynyň, subýektiw faktory öz içine alýandygyny bellemek gerek. Bankyň Müdiriýeti, gymmatyň peselmeginiň ätiýaçlyklary, hasabat döwründe töwekgelçiliklere sezewar bolýan aktiwlerde, çekilen çykdajylary ýapmak üçin ýeterlik bolar diýip çaklaýar, ýöne, şol bir wagtyň özünde Bank belli bir wagtda, ýazylan pul serişdesiniň garşysyna köp bolan çykdajylary çekip bilmegi mümkin.

**Satuwa degişli bolan maýa goýumlar**

Satuwa degişli bolan maýa goýumlar – bellenilmedik wagt aralygynda saklanylmaga niýetlenen, bergidarlyk boýunça gymmat bahaly kagyzlara we paýnama bolan maýa goýumy aňladýar. Bazarda ýöremeýän gymmat bahaly kagyzlar, Bankyň olar babatynda takyk derejede adalatly gymmatyny kesgitläp biler diýen şerti esasynda, amortizirlenen gymmatyndan ätiýaçlygy aýyrmak (eger-de bar bolsa) bilen hasaplanylýar.

**Esasy serişdeler, enjamlar we maddy däl aktiwler**

Esasy serişdeler, enjamlar we maddy däl aktiwler, binalardan başgalary, ýygnalan amortizasiýasyny aýyrmak netijesinde, ilkibaşdaky gymmaty bilen hasabatda görkezilýär. Gutarylmadyk gurluşyk obýektleriniň we ekspluatasiýa berilmedik obýektleriň amortizasiýasy, obýektleriň ekspluatasiýa girizilmegi netijesinde hasaplanyp başlaýar.
Esasy serişdeleriň, enjamlaryň we maddy däl aktiwleriň ulanmaga peýdaly möhletiniň dowamynda aktiwleri hasapdan aýyrmak üçin amortizasiýa hasaplanylýar. Amortizasiýa göni ugurly hasaplamak esasynda, şu aşakda bellen görkeziji bilen hasaplanyp çykarylýar:

| | |
|---|---|
| Jaýlar we başga gozganmaýan emläk | 2-5% |
| Mebel we enjam | 5-50% |
| Ulag serişdeleri | 10-20% |
| Maddy däl aktiwler | 10-50% |

Esasy serişdelere we enjamlara hasaplanan balans gymmatynyň, olaryň dikeldiş gymmatyndan ýokary bahalandyrylandygyny anyklamak maksatly, olaryň dikeldiş gymmaty her-bir hasabat senesi üçin seredildi. Dikeldiş gymmaty iki esasdan ybarat, ýagny, satmakdan emele gelen çykdajylary aýyrmak netijesindäki adalatly gymmaty ýa-da alyjylyk gymmaty bilen kesgitlenilýär. Eger-de, esasy serişdeleriň we maddy däl aktiwleriň balans gymmaty, olaryň dikeldiş gymmatyndan ýokary bolsa, onda Bank esasy serişdeleriň balans gymmatyny, olaryň dikeldiş gymmatyna çenli peseldýär; esasy serişdeleriň gymmatynyň peselmeginden bolan ýitgiler degişli döwürde ykrar edilýär hem-de amallar çykdajysynyň hasabyna goşulýar. Gymmatyň peselmeginiň ýitgileri ykrar edilen soňra, aktiwleriň hasaplanan balans gymmatyndan galyndy gymmatyny aýyrmak netijesinde (eger-de bar bolsa) ulanylmaga galan peýdaly möhletine deň derejede bölüşdirmek maksatly, esasy serişdeler boýunça amortizasion tutulyp galmalar soňraky döwürde korrektirlenilýär.

**Salgyt salmak**

1995-nji ýylyň 1-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Prezidentiň Kararyna laýyklykda, Bank özüniň tölelenen maýasyny ABŞ-nyň 50 million dollaryna we 200 müň TMM deňleşdirýänçä girdeji salgydyndan boşadyldy. Ýöne, 2011-nji ýyllyň 3-nji çärýekde Bankyň maýasy ABŞ-nyň 50 million dollaryna ýetdi we ýerli ýygymlaryň we sap girdejä esaslan oba hojalygyň ösüşiniň salgydy boýunça subýekti bolup durýar.

Girdeji salgydy boýunça möhleti uzaldylan salgyt – tölenmäge degişli bolup durýan salgyt ýa-da maliýe hasabatlygynda aktiwleriň we borçnamalaryň balans gymmatlarynyň arasynda emele gelen tapawutlylyga hasaplanylýar, hem-de degişli salgyt salmagyň esasy, girdeji salgydyny salmaklykda peýdalanylýar we balansyň borçnamalar böleginde peýdalanylýan usul görnüşinde hasaplanylýar. Borçnamalar boýunça möhleti uzaldylan salgyt borçnamasy – umumy ykrar edilmek bilen, salgyt salmagyň wagt aratapawutlylygynyň ählisini öz içine alýar, şeýle-de, möhleti uzaldylan salgyt talaplary, aktiwler boýunça möhleti uzaldylan salgydy hasaplamak üçin gelejekde salgyt salynjak girdejiniň bar bolup bilmegi bilen ykrar edilýär.
Möhleti uzaldylan salgyt boýunça aktiwleriň balans gymmaty her-bir hasabatlygyň döwründe seredilýär we aktiwleri doly ýa-da bölekleýin öwezini dolmak üçin ýeterlik bolan, salgydyň talaplaryny durmuşa geçirmekden girdejiniň alynmak mümkinçiliginiň ýoklugyny aňladýan derejä laýyklykda peseldilýär.

Möhleti uzaldylan salgyt, çaklanylýan döwür üçin borçnamanyň üzülişmegindäki ýa-da aktiwiň durmuşa geçirilmegindäki degişli salgyt stawkasynda hasaplanylýär. Möhleti uzaldylan salgytlar – beýleki jemi girdejiler maddasyna gös-göni bagly bolýan ýagdaýlardan başga ýagdaýlarda (agzalan ýagdaýda, möhleti uzaldylan salgytlar beýleki jemi girdejiler düzüminde görkezilýär), girdejiler we çykdajylar baradaky hasabatda görkezilýär.
Aktiwler we borçnamalar babatyndaky möhleti uzaldylan salgytlaryň özara hasaplaşygy geçirilýär we maliýe ýagdaýynyň hasabatynda jemi tapawutlylygy barada hasabat berýär:

- Bankyň, aktiwler boýunça girdeji salgyny borçnamalar boýunça girdeji salgydyna garşy hasaplamak babatyndaky kanuny hukugynyň bar bolmagy;
- Aktiwler we borçnamalar babatyndaky möhleti uzaldylan salgytlar, şol bir ýuridiki şahs tarapyndan, şol bir salgyt gullugynyň girdejä salýan salgydyna degişli bolup durýar.

Bankyň, amallary geçirýän ýeri bolan Türkmenistan döwletinde bankyň alyp barýan işi bilen bahalandyrylan başga-da birnäçe salgytlar bar. Bu salgytlar, amallar çykdajysynyň bir bölegi bolandygy sebäpli girdejiler baradaky hasabata goşulan.

**Banklaryň, müşderileriň gündelik hasaplary we beýleki çekilen serişdeler**

Banklaryň, müşderileriň gündelik hasaplary we beýeki çekilen serişdeler ilkibaşdaky adalatly gymmatynda ykrar edilýär. Soňra, şunuň ýaly amallar boýunça borçnamalar, amortizirlenen gymmatynda hasaplanylýar we balans gymmat bilen üzülişmeli gymmatyň arasyndaky degişli tapawutlylyk, goýum çykdajylarynyň düzümindäki işjeň göterim usulyny peýdalanmak arkaly karzyň möhletiniň çäginde girdejiler we çykdajylar baradaky hasabatda görkezilýär.

**Ätiýaçlyklar**

Ätiýaçlyklar – Bankyň, geçen wakalarynyň netijesinde häzirki borçnamalaryň emele gelmegi netijesinde hasabatda ýöredilýär, ýagny bu borçnamalary üzülişmek ykdysady bähbitleri özünde jemleýän resurslaryň gitmegini kesgitleýär, şeýle-de şunuň ýaly borçnamalar ýeterlikli takyk derejede bahalandyrylyp bilinýär.

**Maliýe taýdan kepillendiriji şertnamalar we akkreditiwler**

Bank tarapyndan berlen maliýe taýdan kepillendiriji şertnamalar we akkreditiwler, bu – ilkibaşdaky ýa-da borçnama guralynyň üýtgedilen şertlerine laýyklykda debitoryň tölegi amala aşyryp bilmedik ýagdaýynda saklaýjynyň ýitgisiniň öwezini dolmak üçin bankyň amala aşyrýan tölegine aýdylýar. Şunuň ýaly bank tarapyndan berlen maliýe taýdan kepillendiriji şertnamalar we akkreditiwler ilkibaşdaky adalatly gymmaty bilen ykrar edilýär. Soňra, olar (a) Bugalterçilik Hasabynyň Halkara Ülňeleriniň 37 bendine "Ätiýaçlyklar, Şertleýin borçnamalar we şertleýin aktiwler" laýyklykda ykrar edilmek bilen ätiýaçlyk hökmünde ölçenen; we (b) görkezilen haýsy jemiň ýokarylygyna baglylykda, maliýe taýdan kepillendiriji şertnamalardan we akkreditiwlerden geljekgi döwrüň girdejisini, höweslendirme görnüşindäki ýygnalan amortizasiýany (eger-de mümkinçilik berilse) aýyrmak netijesinde ilkibaşdaky görkezilýän jem ykrar edilýär.

**Şertleýin borçnamalar**

Şertleýin borçnamalar maliýe ýagdaýy baradaky hasabatda ykrar edilmeýär, ýöne, hasaplaşykda bolan islendik serişdeleriň gitmegi, wagt taýdan uzaga çekdirilen ýagdaýynda şertleýin borçnamalar açylyp görkeziliýär.

**Esasylyk maýa**

2009 -njy ýyllyň 1-nji ýanwary çenli toplanan esasy maýa, inflýasiýany göz öňünde tutup düzedilen gymmatlygynda görkezilýär. 2009 -njy ýyllyň 1-nji ýanwaryndan soň toplanan esasy maýa, ilkinji gymmatlygynda görkezilýär.

**Girdejileri we çykdajylary ykrar etmek**

***Göterim girdejileriniň we çykdajylarynyň ykrar edilmegi***

Göterim girdejileri we çykdajylary, işjeň göterim usulyny peýdalanmak bilen, işjeň göterim usulyny hasaplamak arkaly ykrar edilen. Işjeň göterim usuly, bu – maliýe aktiwleriniň ýa-da maliýe borçnamalarynyň (ýa-da maliýe aktiwleriniň ýa-da maliýe borçnamalarynyň topary) amortizirlenen gymmatynyň hasaplamak usuly bolup durýar we degişli döwürde göterim girdejileri ýa-da göterim çykdajylary bellenilýär. Işjeň göterim stawkasy, bu – çaklanylýan geljekgi pul tölegleriniň ýa-da maliýe guralynyň çaklanylýan hyzmat ediş möhletinden bolan pul serişdeleriniň gelmegi babatyndaky stawka hasabatçylygynyň takyklygyna aýdylýar, ýa-da maliýe aktiwine ýa-da maliýe borçnamasyna gysga möhletli, sap balans gymmatyna aýdylýar.

Eger-de, maliýe aktiwi ýa-da maliýe aktiwine deňelýän toparlar, gymmatyň peselmeginiň ýitgileri netijesinde hasapdan aýrylan bolsa, onda, göterim girdejileri – gymmatyň peselmeginiň ýitgilerini kesgitlemek maksatly geljekgi pul serişdeleriniň akymyny diskontirlemek üçin ulanylýan, göterim stawkalaryny peýdalanmak arkaly ykrar edilýär.

**Daşary yurt walýutanyň hasaplama usuly**

Bankyň maliýe hasabatlygy Bankyň alyp barýan işine laýyklykda esasy ykdysady ýagdaýynyň walýutasynda getirilýär. Maliýe hasabatlygyň taýýarlanylmagynda, hasabat senesine görä, çalşyk hümmetiniň spot kursuna geçirilen Bankyň funksional walýutasyndan (daşary yurt walýutasy) başgalary, daşary ýurt walýutasynda aňladylýan aktiwler we borçnamalar walýutalara denominirlenen. Funksional walýutalardan özge beýleki walýuta amallary, degişli amal senesine laýyklykda walýuta hümmetinde hasaplanan. Amallardan gelýän girdejiler we ýitgiler, daşary ýurt amallarynyň sap girdejisine goşulan.

**Çalşyk hümmeti**

Maliýe hasabatlygyň taýýarlanylmagyndaky Bankyň ýylyň ahyryna ulanan walýuta hümmetleri şu aşakdaky ýaly:

| | **2011-nji ýylyň 31-nji dekabry** | **2010-njy ýylyň 31-nji dekabry** |
|---|---|---|
| TMM/1 ABŞ-nyň dollary | 2.85 | 2.85 |
| TMM/1 Ýewro | 3.69 | 3.77 |
| TMM/1 Ýapon iýenasy | 0.04 | 0.03 |
| TMM/1 Hytaý ýuani | 0.45 | 0.43 |

**Maliýe aktiwleriniň we borçnamalarynyň hasaplanylmagy**

Maliýe aktiwleri we borçnamalary hasaplanylýar we maliýe ýagdaýy baradaky hasabatda – Bankyň balansda ykrar edilen pul serişdeleriniň jemini hukuk taýdan hasaplamaga hukugy bolan ýagdaýynda hem-de galyndy pul serişdeleriniň jemi boýunça hasaplamany geçirmegi niýetleýän, ýa-da aktiwi iş ýüzüne geçirmek arkaly üzülişmek we şol bir wagtyň özünde borçnamany üzülişmegi netijesinde galyndy pul serişdesiniň jemi hökmünde görkezilýär. Hasapdan aýyrmak hökmünde kesgitlenmedik maliýe aktiwiniň geçirilmeginde, Bank geçirilen aktiwiň we oňa bagly borçlaryň hasapdan aýrylmagy baradaky amal diýip ykrar etmeýär.

**Dolandyryjylyk pikirleriniň ugurlary we kesgitsizlik hasaplamasynyň bahalandyrylyşynyň çeşmesi**

Bankyň maliýe hasabatlygyň taýýarlanmagynda, müdiriýet, maliýe ýagdaýynyň hasabatyndaky hasabatlyk senesiniň aktiwleriniň we borçnamalarynyň jemine we şol hasabat döwründe maliýe hasabatlygynda ykrar edilen girdejileriň we çykdajylaryň pul serişdeleriniň jemine täsir ýetirip biljek hasaplaşyk bahalandyrmany we pikirleri işläp taýýarlaýar. Müdiriýet, özüniň bahalandyrmasyny we pikirlerini üznüksiz esasda geçirýär. Müdiriýet, özüniň bahalandyrmasyny we alyp barýan pikirlerini bar bolan tejribeler we ýagdaýlara görä, laýyk boljak dürli faktorlar boýunça esaslandyrýar. Hakyky netijeler, dürli-dürli çaklamalar ýa-da ýagdaýlar netijesinde şol bahalandyrmalardan tapawutlanyp bilýär.

Soňraky bahalandyrmalar we pikirler, Bankyň maliýe ýagdaýy hakyndaky hasabaty görkzmeklikde möhüm hasap edilýär:

**Karzlaryň gymmatynyň peselmeginiň ätiýaçlyklary**

Bank hemişelik esasda, özleriniň karzlaryny gymmatyň peselmeginiň predmeti boýunça seredýär. Kazrlaryň gymmatynyň peselmegi babatyndaky bank ätiýaçlygy, özüniň karz bukjasynda gymmatyň peselmegindäki ýitgileri ykrar etmek üçin döredilen. Bank, karzlaryň gymmatynyň peselmeginiň ätiýaçlyklaryna degişli bolan hasaplanan bahalandyrmalary, şu aşadakylara görä, şübhelilik bilen pikir etmegiň çeşmesi hökmünde garaýar, ýagny (a) geljekgi hümmetiň/stawkanyň peselmeginiň çaklanylmasy, hem-de ýaňy-ýakyndaky tejribäniň netijesindäki karzyň gymmatynyň pese gaçmagyna degişli bolan potensial çykdajylaryň bahalandyrmasy hökmünde karzlar döwürleýin, ýokary derejede üýtgäp durýar, we (b) Bankyň bahalandyran çykdajylary bilen hakyky çykdajylaryň arasyndaky islendik tapawutlylyklar babatyndan Bankyň ätiýaçlyk döretmegini talap edýär, ýagny, bu öz gezeginde geljekgi döwürde özüniň maliýe hasabatlygyna ep-esli täsir edip biler.

Bank, beren islendik karzlary babatynda, karz alyjynyň maliýe kynçylyklary we şular ýaly karz alyjylar boýunça az maglumatlaryň bolandygy sebäpli, gymmatyň peselmeginiň ýitgisini ölçemek üçin müdiriýetiň pikir-garaýyşlaryny peýdalanýar. Şeýle-de, Bank, özüniň pul serişdeleriniň hereketi baradaky gelejekgi üýtgetmeleri, geçen iş tejribesiniň, karz alyjynyň bergisini üzmeklikdäki negatiw üýtgemesini görkezýän, müşderiniň alyp baran hereketiniň, şeýle hem Bankyň aktiwleri boýunça borçlarynyň ýerine ýetirilmezligini düzgünleşdirýän milli ýa-da ýerli ykdysady şertler esasynda bahalandyrýar. Müdiriýet özüniň bahalandyrmalaryny – karz töwekgleçilikleriniň häsiýetleri bilen häsiýetdeş bolan aktiwler boýunça emele gelen çykdajylaryň hem-de şunuň ýaly kazrlar toparynda analogiki bolan, gymmatyň peselmeginiň obýektiw maglumatlaryň taryhy tejribesi esasynda peýdalanýar.
Maliýe hasabatlygyndaky maliýe aktiwiň gymmatynyň peselmeginiň ätiýaçlyklary – bar bolan ykdysady we syýasy şertler esasynda kesgitlenildi. Bank, ýurtda haýsydyrbir şertler bilen üýtgeşmeleriň boljakdygyny we şolar netijesinde, geljekgi döwürde maliýe aktiwleriniň gymmatynyň peselmeginiň ätiýaçlyklarynyň adekwatlylygyna täsir etjekdigini öňünden çaklap bilmeýär.

**Täze we gaýtadan seredilen ülňeleriň kabul edilmegi**

Bank 2011-nji ýylyň 31-nji dekabrynda tamamlanýan ýyl üçin hasabatlygy taýýarlamakda güýje giren täze we gaýtadan seredilen Hasabynyň Halkara Ülňeleri boýunça Geňeşi (BHHÜG) hem-de Halkara Maliýe Hasabatlygy boýunça düşündiriş berýän Komiteti (HMHDK) tarapyndan yglan edilen täze we gaýtadan seredilen ülňeler we düşündirişler maglumatlaryny görkezmekde peýdalanyldy .

## 4. SAP GÖTERIM GIRDEJISI

| | 2011-nji ýylyň 31-nji dekabrynda tamamlanýan ýyl üçin | 2010-njy ýylyň 31-nji dekabrynda tamamlnaýan ýyl üçin |
|---|---|---|
| **Göterim girdejileri** | | |
| Amortizirlenen gymmatynda görkezilen maliýe aktiwleriniň göterim girdejisi | | |
| - gymmaty peselmeklige sezewar bolmaýan maliýe aktiwleriniň göterim girdejisi | 73,780 | 58,035 |
| - gymmaty peselen maliýe aktiwleri boýunça göterim girdejisi | 1,039 | 4,402 |
| **Jemi göterim girdejisi** | 74,819 | 62,437 |
| Amortizirlenen gymmatyndagörkezilen maliýe aktiwleriniň göterim girdejisi içine girýär: | | |
| Müşderilere berlen karzlaryň göterim girdejileri | 63,540 | 57,350 |
| Banklardaky serişdeleriň göterim girdejileri | 11,279 | 4,983 |
| Bank tarapyndan üzülişmek möhletine çenli saklanylýan maýa goýumlaryň göterimi | - | 104 |
| Jemi amortizirlenen gymmatynda görkezilen maliýe aktiwleriniň göterim girdejisi | 74,819 | 62,437 |
| Jemi göterim girdejisi | **74,819** | **62,437** |
| **Göterim çykdajylary**: | | |
| Amortizirlenen gymmatynda görkezilen maliýe borçnamalarynyň göterim çykdajysy | 55,140 | 37,924 |
| **Jemi göterim çykdajysy** | 55,140 | 37,924 |
| Amortizirlenen gymmatynda görkezilen maliýe borçnamalarynyň göterim çykdajysy öz içine: | | |
| Beýleki çekilen serişdeler boýunça göterim çykdajylary | 51,330 | 34,244 |
| Müşderileriň goýumlary boýunça göterim çykdajylary | 3,733 | 3,672 |
| Banklaryň serişdeleri boýunça göterim çykdajylary | 77 | 8 |
| Jemi amortizirlenen gymmatynda görkezilen maliýe borçnamalarynyň göterim çykdajylary | 55,140 | 37,924 |
| **Göterim hasaplanylýan aktiwler boýunça gymmatyň peselmeginden ýitgiler üçin ätiýaçlygyň döredilmegine çenli sap göterim girdejisi** | **19,679** | **24,513** |

## 5. GYMMATYŇ PESELMEGINDEN ÄTIÝAÇLYKLAR

Göterim hasaplanylýan amallar boýunça gymmatyň peselmeginiň ätiýaçlyklarynyň hereketi baradaky maglumatlar, şu aşakdakylar ýaly görkezilen :

| | Müşderilere berlen karzlar | Beýleki aktiwler |
|---|---|---|
| **2009-njy ýylyň 31-nji dekabry** | 14,681 | 1,174 |
| Ykrar edilen goşmaça ätiýaçlyklar | 2,684 | 901 |
| **2010-njy ýylyň 31-nji dekabry** | 17,365 | 2,075 |
| Ätiýaçlyklary dikeltme | (10,193) | (1,968) |
| Öň öçürlen karzlaryň dikeltme | 10,604 | - |
| **2011-nji ýylyň 31-nji dekabry** | 17,776 | 107 |

## 6. DAŞARY ÝURT WALÝUTALARYNYŇ AMALLARY BOÝUNÇA SAP GIRDEJI

Daşary yurt walýutalarynyň amallary boýunça sap girdeji şu aşakdaky ýaly görkezilýär:

| | 2011-nji ýylyň 31-nji dekabry | 2010-njy ýylyň 31-nji dekabry |
|---|---|---|
| Söwda amallar, netto | 12,976 | 6,238 |
| Hümmet tapawutlylygy, netto | 1,286 | (1,183) |
| **Daşary yurt walýutalarynyň amallary boýunça jemi sap girdeji** | 14,262 | 5,055 |

## 7. HYZMATLAR HEM-DE ÝYGYMLAR BOÝUNÇA GIRDEJILER WE ÇYKDAJYLAR

| | 2011-nji ýylyň 31-nji dekabry | 2010-njy ýylyň 31-nji dekabry |
|---|---|---|
| **Hyzmatlar we ýygymlar boýunça alnan girdejiler:** | | |
| Hasaplaşyk amallary | 15,292 | 11,875 |
| Kassa amallary | 8,452 | 6,627 |
| Plastik kartlar bilen amallar | 2,002 | 1,182 |
| Bank tarapyndan kepilnamalaryň berilmegi | 3 | 77 |
| Inkassasiýa amallary | 5 | 8 |
| Beýlekiler | 34 | 244 |
| **Hyzmatlar we ýygymlar boýunça jemi girdeji** | 25,788 | 20,013 |
| **Hyzmatlar we ýygymlar boýunça çykdajylar:** | | |
| Plastik kartlar bilen amallar | 8,725 | 6,769 |
| Hasaplaşyk amallar | 1,281 | 1,394 |
| Beýlekiler | 13 | 76 |
| **Hyzmatlar we ýygymlar boýunça tölenen jemi çykdajylar** | 10,019 | 8,239 |

## 8.AMALLAR BOÝUNÇA ÇYKDAJYLAR

| | 2011-nji ýylyň 31-nji dekabry | 2010-njy ýylyň 31-nji dekabry |
|---|---|---|
| Iş haky | 11,782 | 8,968 |
| Esasy serişdeleriň we maddy däl aktiwleriň amortizasiýasy | 1,744 | 1,811 |
| Aragatnaşyk hyzmatlary | 860 | 998 |
| Salgytlar | 759 | 87 |
| Bitewi durmuşy taýdan salgytlar | 690 | 589 |
| Gorag gullugy | 381 | 409 |
| Esasy serişdelere tehnika taýdan hyzmat | 352 | 379 |
| Professional hyzmatlary | 266 | 459 |
| Goýumlary ätiýaçlandyryş gaznasynyň tölegleri | 194 | 158 |
| Kanselýariýa harytlary | 85 | 107 |
| Konferensiýalary geçirmek üçin çykdajylar | 80 | 127 |
| Haýyr sahabat maksatlary üçin çykdajylar | - | 340 |
| Beýleki çykdajylar | 1,143 | 860 |
| Jemi amallar boýunça çykdajylar | 18,336 | 15,292 |

## 9. GIRDEJI SALGYDY

Bank, Türkmenistanda iş alyp barmak bilen Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň talaplaryna laýyklykda, salgyt gullugynyň hasap ýörediş maglumatlary esasynda häzirki döwür üçin salgyt boýunça hasaplamalary taýýarlaýar, bu hasaplamalar MHHÜ-den tapawutly bolup biler.

Birnäçe çykdajylaryň – salgyt salynmak maksady üçin, şeýle hem girdejiä salgyt salynmaýandygy göz öňünde tutmak bilen Bankyň kesgitlenen durnukly salgyt tapawutlary emele gelýär.

Möhleti uzaldylan salgyt – maliýe hasabatlygy we salgyt salynmak üçin kesgitlenilýän pul serişdeleriniň jemi maksatly, hasaba alnan aktiwleriň we borçnamalaryň gymmatlarynyň arasyndaky wagtlaýyn aratapawudynyň sap salgyt täsirini görkezýär. 2011-nji we 2010-njy ýyllaryň 31-nji dekabrynda bar bolan wagtlaýyn aratapawutlar, esasan girdejileriň we çykdajylaryň dürli usully hasaplamalary, şeýle-de birnäçe aktiwleriň hasaba alnan gymmaty bilen bagly bolup durýar.

2011-nji we 2010-njy ýyllaryň 31-nji dekabry ýagdaýy boýunça wagtlaýyn aratapawutlaryň täsiri şu aşakdakylar ýaly görkezilýär:

| | 2011-nji ýylyň 31-nji dekabry | 2010-njy ýylyň 31-nji dekabry |
|---|---|---|
| **Hasaplanan wagtlaýyn aratapawutlar:** | | |
| Müşderilere berlen karzlar | 35,764 | 52,864 |
| Esasy serişdeler | 5,555 | 2,394 |
| Beýleki aktiwler | 56,720 | 3,277 |
| Beýleki çekilen serişdeler | 15,193 | 7,707 |
| **Jemi hasaplanan wagtlaýyn aratapawutlar** | 113,232 | 66,242 |
| **Salgyt salynýan wagtlaýyn aratapawutlar:** | | |
| Bankyň serişdeleri | (9) | |
| Beýleki borçnamalar | (46,447) | (2,068) |
| **Jemi salgyt salynýan wagtlaýyn aratapawutlar** | (46,447) | (2,077) |
| Salgyt salynýan wagtlaýyn aratapawutlaryň sap möhletleriň uzaldylmagy | 66,785 | 64,165 |
| Kanun tarapyndan bellenen salgyt stawkasy (24.5%-2011ý; 4.5%-2010ý.) sap möhleti uzaldylan salgyt borçnamasy | 16,362 | 2,887 |
| Makullanmadyk möhleti uzaldylan salgyt aktiwi | (8,814) | |
| **Sap möhleti uzaldylan salgyt aktiwi** | 7,548 | 2,887 |

2011-nji we 2010-njy ýyllaryň 31-nji dekabr aýynyň ýagdaýyna bolan salgyt çykdajylaryň we buhgalterçilik girdejileriň arasyndaky gatnaşyklar, şu aşakdaky ýaly görkezilýär:

| | 2011-nji ýylyň 31-nji dekabrynda tamamlanýan ýyl üçin | 2010-njy ýylyň 31-nji dekabrynda tamamlanýan ýyl üçin |
|---|---|---|
| Girdeji salgydyna çenli girdeji | 38,679 | 20,808 |
| Bellenen stawkasyndan salgyt (24.5%-2011ý; 4.5%-2010ý.) | 9,476 | 936 |
| Makullanmadyk möhleti uzaldylan salgyt aktiwi üýtgemegi | 8,814 | - |
| Hemişelik aratapawut boýunça salgydyň täsiri: | | |
| Salgyt salynmaýa başga girdeji | (5,677) | - |
| Hasaba degişli bolmadyk başga çykdajylar | (2,654) | (110) |
| Geçen ýylyň girdeýji salgydynyň çykdajylaryny täzeden bahalandyrmak | (7,041) | 677 |
| **Girdeji salgydy boýunça çykdajylar** | 2,918 | 1,503 |
| Häzirki girdeji salgydy boýunça çykdajylar | 7,579 | 1,788 |
| Wagtlaýyn aratapawudyň emele gelmegi we üýtgemegi bilen bagly bolan möhleti uzaldylan salgyt boýunça çykdajylar | (4,661) | (285) |
| **Girdeji salgydy boýunça çykdajylar** | 2,918 | 1,503 |

| **Möhleti uzaldylan girdeji salgydynyň aktiwi** | **2011-nji ýyl** | **2010-njy ýyl** |
|---|---|---|
| **Ýylyň başyna** | 2,887 | 2,602 |
| Girdejide/ýitgide görrkezilýän, ýylyň jemi boýunça girdeji salgyt aktiwiniň artmagy | 4,661 | 285 |
| **Ýylyň ahyryna** | 7,548 | 2,887 |

## 10.TÜRKMENISTANYŇ MERKEZI BANKYNDAKY PUL SERIŞDELERI WE HASAPLARY

| | 2011-nji ýylyň 31-nji dekabry | 2010-njy ýylyň 31-nji dekabry |
|---|---|---|
| Nagt serişdeleri | 11,497 | 16,770 |
| Türkmenistanyň Merkezi bankyndaky hasaplarynda galyndylar | 240,376 | 122,826 |
| Jemi Türkmenistanyň Merkezi bankyndaky pul serişdeleri we hasaplary | 251,873 | 139,596 |

Pul serişdeleriniň hereketi baradaky hasabatda görkezilen pul serişdeleri we olaryň ekwiwalentleri şu aşadakylary öz içine alýar:

| | 2011-nji ýylyň 31-nji dekabry | 2010-njy ýylyň 31-nji dekabry |
|---|---|---|
| Türkmenistanyň Merkezi bankyndaky pul serişdeleri we hasaplar | 251,873 | 139,596 |
| Ilkinji üzülişmek möhletli (90 güne çtnli ) bolan banklardaky serişdeler | 3,096,154 | 1,472,029 |
| | 3,348,027 | 1,611,625 |
| Türkmenistanyň Merkezi bankyndaky serişdeler, hökmany ätiýaçlyk pul serişdeleriniň jemini aýyrmak bilen | (11,744) | (19,692) |
| **Jemi pul serişdeleri we olaryň ekwiwalentleri** | **3,336,283** | **1,591,933** |

## 11. BANKLARDAKY SERIŞDELER

| | 2011-nji ýylyň 31-nji dekabry | 2010-njy ýylyň 31-nji dekabry |
|---|---|---|
| Beýleki banklardaky gyssagly depozitler | 1,907,713 | 1,198,721 |
| Beýleki banklaryň aragatnaşyk hasaplary | 1,219,126 | 436,235 |
| **Jemi banklardaky serişdelriň:** | **3,126,839** | **1,634,956** |

2011-2010-njy ýyllaryň 31-nji dekabry ýagdaýy boýunça banklardaky serişdeleriň hasabyna goşulan, hasaplanan göterimeler nol müň manat we 8000 manada degişlilikde deň boldy.

2011-2010 njy ýyllaryň 31-nji dekabry ýagdaýy boýunça Bankyň 10-9 banklardan algylary bardy, bu bolsa Bankyň maýasyny 10% atrdyrýar.

## 12. MÜŞDERILERE BERLEN KARZLAR

| | 2011-nji ýylyň 31-nji dekabry | 2010-njy ýylyň 31-nji dekabry |
|---|---|---|
| Müşderilere berlen karzlar | 2, 698,473 | 1,441,434 |
| Gymmatyň peselmeginiň ätiýaçlygyny aýyrmak şerti bilen | (17,776) | (17,365) |
